TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– TÜRKMENISTAN ÖZ ÇÄGINDE HALKARA ÄHMIÝETLI OPTIKI-SÜÝÜMLI MAGISTRAL ARAGATNAŞYK ULGAMLARYNY GURMAK BILEN, BEÝIK ÝÜPEK ÝOLUNYŇ ULAG-KOMMUNIKASION MERKEZINIŇ WEZIPESINI ÝERINE ÝETIRÝÄR.

ZAMAN

INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN

10-njy noýabr, 2023. Belgisi 45/1559



# WATANYMYZYŇ ASUDALYGYNYŇ GORAGYNDA

*8-nji noýabrda Türkmenistanyň Prezidenti, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy goşun generaly Serdar Berdimuhamedow Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Mejlisiň gün tertibine ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň şu ýylyň on aýynda alyp baran işleriniň jemleri, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzda howpsuzlygy, asudalygy üpjün etmek, harby we hukuk goraýjy edaralaryň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de pugtalandyrmak, olaryň işini kämilleşdirmek boýunça gaýragoýulmasyz wezipeler girizildi.*

Ilki bilen, Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministri B.Gündogdyýew çykyş edip, Ýaragly Güýçleri ösdürmegiň maksatnamasyny durmuşa geçirmek, sanly ulgamy ornaşdyrmak, harby gullukçylaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen, degişli döwürde görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary harby gullukdan boşatmagyň we Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga nobatdaky çagyrylyşynyň barşy barada habar berildi. Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň we beýleki goşunlarynyň şu ýylyň oktýabr aýynda geçirilen bilelikdäki harby okuw türgenleşigi barada hem hasabat berildi. Bu okuw türgenleşigi goşunlaryň ähli kysymlarynyň, «Türkmen edermen» ýörite maksatly güýçleriniň düzüm birlikleriniň harby gullukçylarynyň ýokary hünär derejesini görkezdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasynda kesgitlenen wezipeleriň talabalaýyk ýerine ýetirilmeginiň wajypdygyna ünsi çekdi. Milli goşunyň maddy-enjamlaýyn binýadyny mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmak zerurdyr diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy harby okuw türgenleşiginiň üstünlikli geçendigini belläp, Milli goşunymyz üçin ýokary hünär derejeli harby gullukçylary taýýarlamagy, harby gullukçylaryň nazaryýet we söweşjeň taýýarlygynyň derejesiniň ýokarlandyrylmagyny möhüm wezipeleriň hatarynda kesgitledi we Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň sekretary, goranmak ministrine birnäçe anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Baş prokuror S.Mälikgulyýew ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde şu ýylyň ýanwar–oktýabr aýlarynda ähli ulgamlarda kanunylygyň berk berjaý edilişine gözegçilik etmek boýunça amala aşyrylan toplumlaýyn çäreler barada hasabat berdi. Şeýle hem hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça degişli kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň düzgünleriniň ýerine ýetirilişine geçirilen barlaglaryň netijeleri barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, bu edarany ösdürmegiň maksatnamasyny üstünlikli ýerine ýetirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi. Şunuň bilen birlikde, kanun bozulmalaryny ýüze çykarmak, aradan aýyrmak we olaryň öňüni almak boýunça işleriň döwrebap usullarynyň işjeň ulanylmagyny üpjün etmek zerurdyr diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Baş prokurora degişli görkezmeler berildi.

Içeri işler ministri M.Hydyrow şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işler, hususan-da, ýolbaşçylyk edýän düzümlerine sanly ulgamy ornaşdyrmagyň barşy, ýurdumyzda jemgyýetçilik tertibini saklamak, ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmek, paýtagtymyzda we welaýatlarda ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, kanunylygy we hukuk tertibini üpjün etmek, ýol-ulag hadysalarynyň öňüni almak, ähli ýerlerde ýangyn howpsuzlygynyň kadalaryny berjaý etmek bilen baglanyşykly meseleleri hemişe gözegçilikde saklamagyň zerurdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz bu edaranyň maddy-enjamlaýyn binýadyny döwrebaplaşdyrmak boýunça wezipeleri çözmek üçin degişli çäreleri görmegiň wajypdygyny belläp, içeri işler ministrine birnäçe anyk görkezmeleri berdi.

Ýokary kazyýetiň başlygy B.Hojamgulyýew hasabat döwründe ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Şeýle-de ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň sanly ulgamy ornaşdyrmak boýunça ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi barada aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, döwrüň talaplaryny hem-de bu ulgamda dünýäniň öňdebaryjy tejribesini nazara almak bilen, kazyýet-hukuk ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi. Bu ugurda görlen çäreler şu edaranyň üstüne ýüklenen wezipeleriň ýerine ýetirilmeginiň netijeliligini ýokarlandyrmaga ýardam eder diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady. ■ 2

# «Türkmentel-2023» atly XVI Halkara sergisi we ylmy maslahaty

*Düýn paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda telekommunikasiýa, telemetriýa, maglumatlar tehnologiýalary we tele-radio enjamlary boýunça «Türkmentel-2023» atly XVI Halkara sergisi we ylmy maslahaty öz işine başlady.*





«Türkmentel-2023» halkara sergisine we ylmy maslahatyna Russiýa, ABŞ, Finlýandiýa, Ýaponiýa, Gyrgyzystan, Azerbaýjan, Hytaý, Gazagystan, Fransiýa we Türkiýe ýaly dünýäniň birnäçe ýurdundan belli kompaniýalaryň wekilleri gatnaşýarlar.

Şolaryň hatarynda, Hytaýyň «Huawei», «Hytera», Türkiýäniň «Mia Teknoloji» we PTT, ABŞ-nyň DHL, «Motorola Solutions», Gyrgyzystanyň «Kyrgyz poçtasy», «Kyrgyztelekom», Russiýanyň «Rostelekom», MTT, Azerbaýjanyň «Delta Telecom», «Azer Telecom», Finlýandiýanyň «Nokia», Fransiýanyň «Eutelsat», Ýaponiýanyň NEC, «Trend Micro», Gazagystanyň «Kazahtelekom» we GSMA Halkara mobil aragatnaşyk operatorlarynyň assosiasiýasy bar.

Hormatly Prezidentimiz halkara sergisine hem-de ylmy maslahata gatnaşyjylara gutlag hatyny ugratdy. Gutlagda Türkmenistan öz çäginde halkara ähmiýetli optiki-süýümli magistral aragatnaşyk ulgamlaryny gurmak bilen, Beýik Ýüpek ýolunyň ulag-kommunikasion merkeziniň wezipesini ýerine ýetirýär. Bu taslamalar diňe bir Merkezi Aziýa sebitinde däl, eýsem, Gündogar–Günbatar, Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça üstaşyr ulgamlaryň wajyp şahasy bolup, goňşy döwletleriň ykdysadyýetiniň ösmegine hem ýardam edýär. «Açyk gapylar» syýasatyny işjeň durmuşa geçirmek arkaly Türkmenistan hyzmatdaş ýurtlary bilen öz döwründe Gündogaryň we Günbataryň medeniýetlerini baglanyşdyran Beýik Ýüpek ýolunyň häzirki şertlerde täzeden dikeldilmegine işjeň gatnaşýar hem-de öz goşandyny goşýar diýlip bellenilýär. ■ 2

# Türkmenistan Yrak Respublikasyna tebigy gazy eksport eder

*Ýakynda paýtagtymyzda «Türkmengaz» döwlet konserniniň wekilleriniň Yrak Respublikasynyň elektroenergetika ministri Ziad Ali Fadeliň ýolbaşçylygyndaky wekiliýeti bilen duşuşygy boldy.*



Duşuşygyň dowamynda yrak tarapy energetika ulgamynda ägirt uly mümkinçilikleri bolan Türkmenistan bilen özara bähbitli gatnaşyklaryň mundan beýläk-de ösdürilmegine Yrak Respublikasynyň taýýardygyny ýene-de bir gezek beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, taraplar türkmen tebigy gazyny goňşy Eýran Yslam Respublikasynyň çäklerinden «swap» usulynda Yraga ibermegi guramak bilen baglanyşykly meselelere garadylar. Mundan başga-da, taraplar gaz pudagynda geljekde bilelikde işlemegiň hukuk, täjirçilik, maliýe, guramaçylyk şertlerini giňişleýin ara alyp maslahatlaşdylar.

Mälim bolşy ýaly, ozal «Türkmengaz» döwlet konserni bilen Yrak Respublikasynyň Elektroenergetika ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilipdi.

Türkmenistanyň ýangyç-energetika ulgamyndaky halkara ähmiýetli teklipleri birnäçe iri energetika taslamalarynyň durmuşa geçirilmeginde öz anyk beýanyny tapdy. Şol taslamalaryň hatarynda Türkmenistan–Hytaý, Türkmenistan–Eýran, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijilerini, Türkmenistandan Eýrana hem-de owgan ugry boýunça ýokary woltly elektrik geçiriji ulgamlaryny aýratyn bellemek gerek. Şunda daşary döwletler we kompaniýalar bilen köp ýyllaryň dowamyndaky bilelikdäki işiň netijesinde ýurdumyzyň özara ynanyşmak, hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk, açyklyk ýörelgeleri esasynda iş alyp barýan jogapkärli hem-de ygtybarly hyzmatdaş hökmünde özüni görkezendigini nygtamak zerurdyr.

Türkmen tarapy geljegi uly, täze hyzmatdaşlaryň hatarynda Uzak, Orta we Ýakyn Gündogar, Günorta, Günorta-Gündogar Aziýa döwletleriniň birnäçesi bilen gatnaşyklaryň ösdürilmegini ileri tutýar. Şol döwletler energetika babatda Türkmenistan bilen netijeli hyzmatdaşlyga uly gyzyklanma bildirýärler we ýokary derejede başlangyçlaryny hödürleýärler. Şeýle döwletleriň hatarynda Yrak Respublikasyny görkezmek bolar.

Şu gezekki duşuşygyň netijeleri boýunça türkmen tebigy gazyny Yrak Respublikasyna ýerlemek, satyn almak, satmak boýunça şertnamanyň esasy täjirçilik şertleri barada Teswirnama gol çekildi. Teswirnama laýyklykda, 5 ýyllyk möhlet bilen her ýylda türkmen tebigy gazynyň 9 milliard kubmetri «swap» usulynda Eýran Yslam Respublikasyndan üstaşyr geçirilip, Yraga iberiler.

Şeýlelikde, uglewodorod serişdeleriniň ägirt uly gorlaryna eýe bolan Türkmenistan özüniň energiýa serişdeleriniň dünýä bazarlaryna iberilmegini mundan beýläk-de diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek syýasatyny yzygiderli alyp barýar.

## Aziýanyň merjeni Aşgabadyň täze ykrarnamasy



Aziýanyň merjen şäherine öwrülen Aşgabat häzirki wagtda dünýäniň iň owadan we arassa şäherleriniň biri hökmünde tanalýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň başlangyjy we tagallasy bilen Aşgabat şäheri «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizildi.

Aşgabatda giň gerimli dizaýnerçilik çözgütleri ornaşdyryldy. Muňa mysal hökmünde Bagt köşgüni, «Älem» medeni-dynç alyş merkezini, «Aşgabat» söwda we dynç alyş işewürlik merkezini we beýlekileri görkezmek bolar. ■ 3

## Ynsanperwerlik kömegi ugradyldy



**Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetli gatnaşyklaryndan we ynsanperwer däplerinden ugur alyp, Palestinanyň halky, ilkinji nobatda, palestin çagalary üçin Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň adyndan ynsanperwerlik kömegini ibermek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Buýruga gol çekdi. Bu ynsanperwerlik ýüki derman we saglygy goraýyş maksatly serişdelerden, dokma önümlerinden, şol sanda çagalar üçin ýörite egin-eşiklerden, ýorgan-düşeklerden, aýakgaplardan, azyk önümlerinden we beýleki harytlardan ybaratdyr.** ■ 2












## Ýatkeşligi güýçlendirýän iýmitler

Lukmanlaryň bellemeklerine görä, käbir iýmit önümleri ýatkeşligi we ünslüligi güýçlendirýär. ABŞ-nyň Demirgazyk Karolina uniwersitetiniň ylmy işgäri, doktor Karol Çitham beýniniň işjeňligine ýardam edýän birnäçe iýmitiň bardygyny belleýär. Onuň bellemegine görä, hoz, badam ýaly düzüminde ýag, protein, antioksidant we witamin bolan gury ir-iýmişleri iýmek ýatkeşlik üçin peýdaly. Her gün 10 gramdan gowrak hoz iýmek ünslüligi güýçlendirmek üçin ýeterlik hasaplanýar. Ysmanak, kelem ýaly goýy ýaşyl reňkli gök otlary we bakja önümlerini iýmegiň hem peýdalydygy bellenilýär. Şeýle hem iýmit sanawynda brokkoli, kädi, nohut, kiwi ýaly iýmitleriň bolmagy hem saglyk üçin örän peýdalydygy bellenilýär. Lukmanlar ýagly balygyň hem beýni üçin ýaramlydygyna ünsi çekýärler.



**Merjen JARÇYÝEWA,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň assistenti.*

## Adamsypat robotlaryň önümçiligi ýola goýlar

Soňky ýyllarda awtomatlaşdyrylan tehnologiýalar artyp, bu ugurda uly ösüşler gazanylýar. Bu tehnologiýalar fiziki güýç talap edilýän el işlerini aňsatlaşdyrýar. Indi bolsa aň zähmetini talap edýän işleri hem kompýuterler amala aşyrýar. Hytaýda adamsypat robotlaryň köpçülikleýin önümçiligini ýola goýmak üçin hususy kompaniýalara goldaw berler. Senagat we maglumat tehnologiýalary ministrliginiň ýaýradan beýanatynda ýurduň hökümetiniň geljek iki ýylda sensor tehnologiýasy, herekete gözegçilik we adam-maşyn gatnaşyklarynda işlejek kompaniýalara goldaw berjekdigi bellenilýär. Bu ugurda emeli aň tehnologiýasyndan has köp peýdalanylyp, gündelik işleri ýerine ýetirmäge has «ukyply» robotlaryň işlenip taýýarlanmagy maksat edinilýär. 2027-nji ýyla çenli bolsa, logiki netije çykaryp, özüni kämilleşdirip bilýän robotlaryň taýýarlanmagy göz öňünde tutulýar.



Üç ýyl ozal «Hyundai Motor» kompaniýasy robot tehnologiýasynda öňdebaryjy «Boston Dynamics» amerikan kompaniýasyny 1,1 milliard dollara satyn alypdy.

**Daýanç GAPUROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Emeli aň tehnologiýasynyň täze nusgasy

Dünýäniň iň uly emeli aň kompaniýasy bolan «OpenAI» tekst döredýän emeli aň bolan «GPT-4»-iň kämilleşdirilen nusgasyny tanyşdyrdy. «GPT-4 Turbo» atly bu nusganyň has arzan we kämildigi mälim edildi. Bu nusga täze maglumatlar bilen okadylyp, şu ýylyň aprel aýyndaky maglumatlara esaslanýar. Tekst dörediijiniň ýakyn wagtda elýeterli boljakdygy mälim edildi. «GPT-4 Turbo»-nyň iki nusgasy bolar. Olaryň biri dolulygyna teksti seljerýän bolsa, beýlekisi tekst bilen suratlaryň arasyndaky baglanyşyga düşünýär. Beýleki ähli dil modelleri ýaly «GPT-4 Turbo» hem sözleri çaklaýan statistika guraly bolup, tehnologiýa internetdäki maglumatlar bilen «okadylypdyr».




**Aýjahan BEGMYRADOWA,**
*Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynyň talyby.*

## Iň yssy ýyl bolar

Ýewropanyň «Copernicus» howanyň üýtgemegi boýunça gullugy 2023-nji ýylyň iň yssy ýyl bolup biljekdigini mälim etdi. Bu barada taýýarlanan maglumatda ortaça temperatura mundan ozalky rekordyň hasaba alnan ýyly bolan 2016-njy ýyldakydan 0,10 dereje ýokary bolup biler. Bu ýylky ortaça temperaturanyň senagatdan ozalky temperaturadan 1,43 dereje ýokarydygy habar berildi. Meteorologlar şu ýylyň oktýabr aýynda Ýer ýüzünde ortaça temperaturanyň 15,3 dereje bilen rekord hökmünde hasaba alnandygyny belleýärler. Geçen aý ortaça ýylylyk 1991-2020-nji ýyllardakydan 0,85 dereje ýokary bolupdyr. Maglumata görä, oktýabrda Antarktikanyň buz örtügi adatdakydan 11 göterim kiçi bolupdyr.



**Selbi ANNAMYRADOWA,**
*Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň talyby.*

# WATANYMYZYŇ ASUDALYGYNYŇ GORAGYNDA

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Soňra milli howpsuzlyk ministri N.Atagaraýew hasabat döwründe ýerine ýetirilen işler, degişli ösüş maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi barada hasabat berdi. Ýurdumyzda abadançylygy üpjün etmek, ýolbaşçylyk edýän edaralarynda öňdebaryjy tehniki serişdeleri ulanmak boýunça görülýän çäreler barada-da aýdyldy.

Döwlet Baştutanymyz hasabaty diňläp, Milli howpsuzlyk ministrliginiň işiniň ileri tutulýan ugurlaryna ünsi çekdi. Şolaryň hatarynda türkmenistanlylaryň we jemgyýetiň howpsuzlygyny üpjün etmek, özygtyýarlylygy, konstitusion gurluşy, çäk bitewüligini pugtalandyrmak wezipelerine aýratyn orun degişlidir. Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek üçin beýleki hukuk goraýjy edaralar bilen utgaşykly işlemegiň wajypdygyny belläp, ministrligiň ýolbaşçysyna degişli görkezmeleri berdi.

Döwlet serhet gullugynyň başlygy Ý.Nuryýew şu ýylyň on aýynda ýerine ýetirilen işleriň netijeleri barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, eziz Watanymyzyň döwlet serhetleriniň ygtybarly goralmagyny üpjün etmek, serhet galalaryny döwrebaplaşdyrmak, harby gullukçylaryň netijeli gulluk etmegi we ýaşaýyş-durmuşy üçin amatly şertleri döretmek boýunça toplumlaýyn çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz bu düzümiň ýerine ýetirýän wezipesiniň örän wajypdygyna ünsi çekip, Watanymyzyň mukaddes serhetleriniň eldegrilmesizligini üpjün etmek meselesiniň ileri tutulýandygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz gözegçilik edýän düzümleriniň maddy-enjamlaýyn binýadynyň pugtalandyrylmagyny, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamakda döwrebap usullaryň ulanylmagyny işiň möhüm ugurlarynyň hatarynda kesgitledi.

Adalat ministri M.Taganow 2023-nji ýylyň ýanwar–oktýabr aýlarynda amala aşyrylan işleriň netijeleri, döwlet Baştutanymyzyň ozal beren tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi, milli kanunçylyk binýadyny kämilleşdirmek boýunça teklipleriň işlenip taýýarlanylyşy barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, hereket edýän kanunçylyk namalaryny yzygiderli seljermegiň hem-de häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda olara üýtgetmeleri girizmegiň zerurdygyny belledi. Döwlet Baştutanymyz türkmenistanlylaryň hukuk ulgamynda düşünjelerini ýokarlandyrmak babatda möhüm çäreleri görmegiň zerurdygyna ünsi çekip, ministrligiň ýolbaşçysyna birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Döwlet gümrük gullugynyň başlygy M.Hudaýkulyýew şu ýylyň başyndan bäri ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, yzygiderli artýan ýük daşamalaryny kadalaşdyrmak boýunça görlen çäreler barada hasabat berdi. Şeýle-de bu edarany ösdürmegiň maksatnamasynyň amala aşyrylyşy, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça geçirilýän ýörite okuwlar barada habar berildi.

Soňky ýyllarda Ýewraziýa yklymynda halkara üstaşyr ulag geçelgeleriniň möhüm merkezi hökmünde Türkmenistanyň geostrategik orny barha artýar diýip, ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, gümrük serhedi arkaly ýükleriň we ulag serişdeleriniň geçirilişine bildirilýän talaplaryň berjaý edilişini, şol sanda hereket edýän halkara kadalara we milli kanunçylygyň degişli düzgünlerine laýyklykda, amallaryň ýerine ýetirilişini berk gözegçilikde saklamak wajypdyr diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady we gullugyň ýolbaşçysyna anyk görkezmeleri berdi.

Soňra Döwlet migrasiýa gullugynyň başlygy A.Sazakow ýolbaşçylyk edýän düzümlerinde hasabat döwründe ýerine ýetirilen işleriň netijeleri, bu düzümi ösdürmegiň maksatnamasynyň durmuşa geçirilişi, işgärleri taýýarlamak boýunça görülýän çäreler, gündelik işde sanly ulgamyň ulanylyşy hem-de bu ulgama öňdebaryjy tejribäniň ornaşdyrylyşy barada hasabat berdi.

Ýurdumyzyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasabaty diňläp, migrasiýa çäreleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak maksady bilen, döwrebap tehnologiýalaryň we ýörite maksatnamalaryň has işjeň ulanylmagynyň zerurdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz gullugyň ýolbaşçysyna işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak, olaryň öz öňlerinde goýlan wezipeleri takyk ýerine ýetirmeklerini üpjün etmek meselelerini hemişe üns merkezinde saklamagy tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz mejlisiň jemini jemläp, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna ygrarly bolan, dünýäniň ýurtlary we halklary bilen dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny saklaýandygyny nygtady. Watanymyzyň diňe goranyş häsiýetine eýe bolan Harby doktrinasy şol ýörelgelere esaslanýar. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, harby we hukuk goraýjy edaralaryň düzümlerini, işini mundan beýläk-de yzygiderli kämilleşdirmek, Watanymyzyň goranyş ukybyny pugtalandyrmak, harby gullukçylaryň we olaryň maşgala agzalarynyň ýaşaýyş-durmuş, gulluk, iş şertlerini gowulandyrmak babatda mundan beýläk-de toplumlaýyn çäreler görler.

Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň mejlisinde başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Ynsanperwerlik kömegi ugradyldy

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Dost-doganlyk, goldawa mätäçlere duýgudaşlyk bildirmek hem-de kömek etmek milletimiziň ynsanperwer ýörelgeleriniň aýrylmaz bölegidir. Şunuň ýaly ynsanperwerlik kömegi çylşyrymly durmuş ýagdaýyna düşen adamlar üçin ruhy daýanja öwrülýär. Ösüp gelýän ýaş nesliň abadan, bagtyýar durmuşyny üpjün etmek meselelerini hemişe üns merkezinde saklaýan Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyjy esasynda döredilen haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işiniň binýadynda türkmen halkynyň asylly, ynsanperwer gymmatlyklary durandyr.

Gazna esaslandyrylan pursadyndan bäri iş ugurlaryny yzygiderli giňeltmek we halkara hyzmatdaşlygyny işjeňleşdirmek maksady bilen, giň gerimli çäreleri durmuşa geçirýär. Çagalar, olaryň saglygy we sazlaşykly ösüşi barada hemmetaraplaýyn alada Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugurlarynyň biridir. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň belleýşi ýaly, haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işiniň esasy maksady diňe bir ýaş türkmenistanlylary däl, eýsem, zerurlyk bolan ýagdaýynda beýleki ýurtlaryň çagalaryny hem goldamakdan ybaratdyr. Çünki ýaş nesil biziň geljegimizdir. Gazna tarapyndan birnäçe döwletleriň çagalaryna ynsanperwerlik kömekleriniň berilmegi munuň aýdyň güwäsidir. Şeýlelikde, haýyr-sahawat gaznasynyň alyp barýan işi ýurtlaryň we halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklarynyň pugtalandyrylmagyna hem ýardam berýär.

## 2024-nji ýylda syýahat edilmeli iň gowy ýerler

«National Geographic» neşiri 2024-nji ýylda syýahat edilmegi maslahat berilýän ýerleriň sanawyny taýýarlady. Sanawda 30 ýeriň ady bolup, şäherde dadyp görülmeli tagamlar ýa-da görülmegi maslahat berilýän ýerler hem bellenipdir. Sanawda Ýewropanyň soňky ýyllarda syýahatçylyk babatda ösýän ýurdy bolan Albaniýa, meşhurlygy barha artýan Hytaýyň Sian şäheri, köçe tagamlary bilen köpleriň ünsüni çekýän Taýwanyň Taýnan şäheri ýaly ýerler bar. Belli bir tertip bilen berilmedik sanawda Italiýanyň Emiliýa-Romanýa welaýaty, Demirgazyk Irlandiýanyň ikinji uly şäheri Belfast, Şotlandiýanyň Galloweý we Günorta Aýrşir biosfera goraghanasy, Meksikanyň Ýukatan ýarym adasy, Norwegiýanyň Nurlann etraby ýaly tebigy taýdan özüne çekiji ýerler bar. Şeýle hem Italiýada gadymy Pompei şäheriniň ýadygärliklerini, Irlandiýada Atlantik ýoluny, Çilide Atakama çölüni, Madagaskarda Andrefana tokaýlaryny görmek we Germaniýada «Euro-2024» çempionatyna tomaşa etmek maslahat berilýär.



**Aýgül ILMEDOWA,**
*Aşgabat şäherindäki «Olimp» orta sport mekdebiniň mugallymy.*

## Hytaýly kosmonawtlar kosmosda gök önüm ýetişdirdi

Hytaýyň «Tiangong» kosmos bekediniň hünärmenleri kosmosda ösümlikleri ösdürip ýetişdirdiler. «Shenzhou 16» kosmos gämisi bilen şu ýylyň 30-njy maýynda uçurylan üç kosmonawt 31-nji oktýabrda yzyna dolanyp geldi. 27-nji oktýabrda olaryň ýerine baran «Shenzhou 17» gämisiniň ekipažy beketde ýetişdirilen miwe we gök önümleri bilen tanyşdyryldy. Kosmonawtlar iýun aýynda işdäaçar ýapragyny ekip, dört gezek hasyl alypdyrlar. Awgustda çereşnýa, gök sogan we pomidor ekipdirler. Hytaýyň kosmonawt barlag we okuw merkezinde bolsa, deňeşdirmek üçin edil kosmos bekedindäki ýaly şertlerde şol ekinler ekilipdir. Ekin ýörite taýýarlanan enjamyň içinde ekilýär. Bu enjamyň içindäki ösümlikler howadaky kömürturşy gazyny özüne siňdirip, kislorod öndürip bilýär. Bu taslama uzak möhletli kosmos maksatnamalaryny durmuşa geçirmekde peýdaly bolar diýen niýet bilen ýerine ýetirilýär.



Hytaýyň kosmonawt barlag we okuw merkeziniň hünärmeni Ýan Renze geljekde çalt we has köp hasyl berýän gök önüm ýetişdirmegi maksat edinýändiklerini aýdýar.

**Süleýman MERETGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## «Türkmentel-2023» atly XVI Halkara sergisi we ylmy maslahaty

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Halkara serginiň we maslahatyň dowamynda ýurdumyzdan we daşary ýurtlardan gatnaşýan alymlar, bilermenler, işewürler we halkara guramalaryň wekilleri sanly transformasiýa, kiberhowpsuzlyk, kommunikasiýanyň geljegi, hemra tehnologiýalary ýaly ugurlarda halkara hyzmatdaşlygyny ösdürmek bilen bagly meseleler boýunça tejribe alyşýarlar.

Maslahatyň dowamynda «Sanly çözgüt–2023» innowasiýa bäsleşiginiň jemleri jemlener. Bu ýerde iň oňat ýaş taslamaçylar öz sanly önümlerini işewürler jemgyýetine görkezmäge mümkinçilik alarlar.

Şeýle hem çäräniň çäginde Türkmenistanyň döwlet we hususy guramalary bilen daşary ýurt kompaniýalarynyň arasynda duşuşyklaryň geçirilmegi meýilleşdirilýär.

«Türkmentel-2023» halkara sergisi we ylmy maslahaty sebitdäki maglumat we ylmy-tehnologiki taýdan ähmiýetli, ýokary derejeli çäreleriň biri bolup, bu çäre dünýäniň dürli künjeklerinden hünärmenlere telekommunikasiýa, innowasiýa we ýokary tehnologiýa pudagynda tejribe we täze pikirler alyşmaga mümkinçilik döredýär.

«Türkmentel-2023» atly XVI Halkara sergisi we ylmy maslahaty şu gün öz işini tamamlaýar.







## Saglygyňyza jogapkärli çemeleşiň!

Pasyllaryň çalyşmagy, howanyň üýtgemegi bilen döräp bilýäjek möwsümleýin ýokanç kesellerden goranmak we olaryň öňüni almak üçin keselleriň geçip bilýäjek ýollary barada habarly bolmak zerurdyr.

Möwsümleýin ýokançlaryň biri hasaplanýan ýiti respirator keseli sagdyn adama näsag adamdan asgyranda, üsgürende we gepleşende howa-damja ýollary bilen geçýär.

Kesel umumy ysgynsyzlyk, gyzgynyň ýokarlanmagy, kellagyry, bokurdagyň nemli bardalarynyň gyzarmagy, gijemegi hem-de burnuň dykylmagy ýaly alamatlar bilen ýüze çykýar.

Keseli bejermek üçin dürli antibakterial dermanlary özbaşdak kabul etmek näsagyň ýagdaýynyň beterleşmegine, bedeniň immun ulgamynyň peselmegine, şeýle-de bedende witamin ýetmezçiliginiň ýüze çykmagyna getirip biler.

Bedeniň kesele garşy durnuklylygyny ýokarlandyrmak üçin B toparyna hem-de D, C witaminlere baý bolan önümleri iýmek örän peýdalydyr.

Güýz paslynda kesel dörediji wiruslaryň işjeňliginiň artmagy netijesinde, keseliň ýokuşmak derejesi ýokarlanýar. Beýle ýagdaýda ýokanç kesellerden goranmak üçin sarymsak iýmek örän peýdalydyr. Onuň düzümindäki fitonsidleriň täsiri kesellemek howpuny peseldýär. Arassaçylyk düzgünlerini doly we dogry berjaý etmek hem örän möhümdir.



Otagda üzärlik tütetmek wiruslara garşy göreşmegiň bir görnüşidir. Dermanlyk ösümlikler ýa-da sogan, sarymsak atylan gyzgyn bugdan dem almak peýdalydyr.

Asgyranyňyzda, üsgüreniňizde agzyňyzy, burnuňyzy elýaglyk bilen ýapyň, eliňizi ýygy-ýygydan sabynlap ýuwuň!

Sagdyn iýmitlenmek, işjeň hereketde bolmak, zähmet bilen dynç alşy kadaly utgaşdyrmak, stres ýagdaýlaryndan gaça durmak arkaly immun ulgamyny berkitmek, arassaçylyk düzgünlerini berjaý etmek, sport bilen meşgullanmak – bularyň ählisi dürli kesellerden goranmagyň iň netijeli we wajyp usullarydyr.

Ýurdumyzda ýola goýlan keselleriň öňüni alyş sanjymlaryny maşgala lukmanyňyz bilen maslahatlaşyp alyň!

Ýokanç däl keselleriň düzümine girýän howply täze döremeleriň ýurdumyzda ýola goýlan irki anyklaýyş barlaglaryndan öz wagtynda geçiň!

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## Londonda syýahatçylyk sergisi geçirildi

6-8-nji noýabr aralygynda Angliýanyň paýtagtynda «World Travel Market» atly syýahatçylyk sergisi geçirildi. 44-nji gezek geçirilen sergä dünýäniň 180 ýurdundan 4 müň töweregi kompaniýa gatnaşdy. Dünýäniň öňdebaryjy çäreleriniň biri hasaplanýan sergi 1980-nji ýyldan bäri geçirilýär. Serginiň çägindäki maslahatda 70 sessiýa geçirilip, 170 gatnaşyjy çykyş etdi. Sergide dürli ýurtlaryň, şol sanda syýahatçylyk kompaniýalarynyň, myhmanhanalaryň, awiakompaniýalaryň we syýahatçylyk pudagynda işleýän beýleki kärhanalaryň pawilýonlary gurnaldy.




Serginiň çäklerinde WTM Global syýahatçylyk hasabaty hem ýaýradyldy. Hasabatda Hytaý, Hindistan we Indoneziýa ýaly ösüp barýan ýurtlaryň raýatlarynyň has köp syýahat edip başlandygy bellenilýär. Dünýäniň dürli ýurtlary syýahatçylyk pudagyny has kämilleşdirmegi meýilleşdirýär. Saud Arabystany 2030-njy ýyllaryň başynda jahankeşdeleriň sanyny 100 milliona ýetirmegi meýilleşdirýär. Munuň üçin bolsa, esasan, howa gatnawlarynyň artdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Maglumatlara görä, bu ýurt soňky bäş ýylda dünýäde syýahatçy sany babatda 27-nji ýerden 13-nji orna çykypdyr.

Dünýäde iň köp tomaşa edilýän çäreleriň biri bolan «Tour de France» geljek ýyl 111 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek Italiýadan badalga alar. Italiýa geljek bäş ýylda iň köp syýahatçy kabul edýän ýurt bolmagy meýilleşdirýär.

**Şeker KULYÝEWA,**
*Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň mugallymy.*

## El maşklaryny etmek dyzyňa peýdaly

Maşk etmegiň adam saglygyna peýdalydygy hemmä mälimdir. Eýsem, bedeniň bir bölegini hereket etdirmek, başga bir ýeriňe peýdaly bolup bilermi? Soňky geçirilen barlaglar munuň peýdaly bolup biljekdigini görkezdi. ABŞ-nyň Tehas uniwersitetiniň alymlary el bilen edilýän maşklaryň dyzdaky agyryny aýyrmaga peýdalydygyny ýüze çykardylar. Barlagy geçirmek üçin dyzy agyrýan 60 zenan we erkek meýletinçä dürli maşklar etdirildi. Netijede, her gün 20 minut yzygiderli maşk eden adamyň dyz agyrysynyň azalandygy anyklandy. Bu tejribäniň 2025-nji ýyla çenli dowam etdiriljekdigi mälim edildi. Tejribäniň netijesinde el bilen edilýän maşkyň welosiped sürmekden peýdalydygy ýa-da däldigi hem öwreniler.



Şeýle hem alymlar mundan ozal geçirilen el bilen edilen maşkyň ýöremekden has peýdalydygyny öňe sürýän ozalky ylmy barlagy subut etmekçi bolýarlar.

Lukmanlar 20 minut el maşkyny ýerine ýetiren adamyň özüni has şähdaçyk duýýandygyny, şol sebäpli bedeniň islendik ýerindäki agyryny hem az duýmagyna sebäp bolup biljekdigini belleýärler.

Her niçik-de bolsa, özüňe agram salmazdan, talabalaýyk ýerine ýetirilen islendik maşkyň hem adam saglygy üçin peýdalydygy bellenilýär.

**Aýbölek GARLYÝEWA,**
*Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Noýabr aýynyň 10-y, 2023
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-112790
Belgisi: 45/1559
Tiražy: 8318
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

# Milli senenamamyzda täze hünär baýramy

Türkmenistan Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, her ýyl belleniljek Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň güni milli senenamamyzda mynasyp orun aldy. Bu bolsa ýurdumyzyň gurluşyk, senagat, energetika pudagynda zähmet çekýän işgärleriň ruhuny has-da belende göterýär. Her ýylyň 3-nji noýabrynda gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleri hünär baýramçylygyny bellär.

Eziz Diýarymyzda gurluşyk we senagat toplumynyň ösüşine aýratyn üns berilýär hem-de oňa uly möçberde maliýe serişdeleri gönükdirilýär. Bu toplum ýurdumyzda milli ykdysadyýetiň möhüm ugurlarynyň biri hasaplanylýar. Häzirki wagtda onda gazanylan üstünlikler halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagyny şertlendirýär. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda gurluşyk pudagynda uly özgertmeler amala aşyrylýar.

Senagat we gurluşyk pudagy ýurdumyzda alnyp barylýan gurluşyklary gerekli önümler, serişdeler bilen hem üpjün edýär. Aýratyn bellärlikli zat, senagat üçin zerur çig mal hem-de esasy gurluşyk serişdeleri bolan sement, aýna, metal, demirbeton jaý gurluşyk önümleri häzirki wagtda ýurdumyzyň öz içinde öndürilýär. Bu bolsa ýurdumyzda daşary döwletlerden getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň görnüşleriniň köpelýändigini, Diýarymyzyň eksport kuwwatynyň ýokarlanýandygyny alamatlandyrýar.



Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumy tarapyndan häzirki wagtda ýurdumyzda gurluşyk pudagyny döwrebaplaşdyrmak, gurluşyk serişdeleriniň täze önümçiliklerini döretmek, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleriň öndürilýän mukdaryny artdyrmak, önümçilige innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak boýunça wezipeler üstünlikli çözülýär.

Milli senagatymyzyň möhüm ugurlarynyň biri-de sement önümçiligidir. «Bäherden», «Balkan» we «Lebap» sement zawodlarynda dünýä standartlaryna laýyk gelýän portland sementiniň dürli görnüşleri öndürilýär. «Türkmen aýna önümleri» kärhanasy her ýylda dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýüzi örtükli aýnanyň 1 million inedördül metrini, laminirlenen aýnanyň 100 müň, taplanan aýnanyň 300 müň, aýna paketleriniň bolsa 400 müň inedördül metrini öndürmäge niýetlenendir.

Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň kän müdirliklerinde we hojalyklarynda öndürilýän dürli görnüşdäki magdan däl gurluşyk materiallary ýurdumyzyň gurluşyklarynda giňden ulanylýar. Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi bilen bilelikde döredilen «Aýdyň gijeler» hojalyk jemgyýetinde innowasion tehnologiýaly elektron enjamlaryň ençemesi öndürilýär. Olardan awtomobil ýollaryny yşyklandyryjy çyralaryň önümçiligi, çagalar üçin kompýuterleriň, dürli görnüşli noutbuklaryň, dürli ölçegli «Zemin», «Tolkun» we «Älem» telewizorlarynyň, «Körpe» telefonlarynyň, «Milli» smartfonlarynyň, «Şowly» nyşanly monobloklaryň, «Mylaýym» brendli hojalyk howa sowadyjylarynyň, «Teşne» suw ulgamynyň, «Uçgun» internet toruny paýlaýjylaryň, «Aýtab» nyşanly planşetleriň önümçiligi ýola goýuldy.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ýol gurluşygyny ösdürmek, täze halkara ulag geçelgelerini döretmek, ýük we ýolagçy gatnawlarynyň möçberini yzygiderli artdyrmak boýunça giň gerimli işler alnyp barylýar. Ýol-ulag düzüminiň barha kämilleşdirilmegi, öňdebaryjy tehnologiýalary ulanmak esasynda täze awtomobil ýollarynyň hem-de köprüleriň gurulmagy munuň aýdyň mysallary bolup durýar.

Umuman, Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumy ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň binýatlyk hem-de düşewüntli pudaklaryny öz içine alýar.

**Aýjemal ALAŞAÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# AZIÝANYŇ MERJENI AŞGABADYŇ TÄZE YKRARNAMASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Milli Liderimiziň «Ak şäherim Aşgabat» atly kitabynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäheriniň Watanymyzyň ýüregidigi, onuň dünýä jemgyýetçiligindäki ornuny, at-abraýyny görkezýän esasy merkezdigi nygtalýar. Bellenilişi ýaly, Aşgabat dünýäniň ykdysady taýdan ösen, medeni taýdan ýokary derejeli, iň gözel şäherleriniň biridir.

Her ýylyň 25-nji maýynda Aşgabat şäheriniň güni dabaraly bellenýär we şu mynasybetli paýtagtymyzda Aşgabat şäher häkimliginiň hem-de ýurdumyzyň Söwda-senagat edarasynyň guramagynda «Ak şäherim Aşgabat» atly köpugurly halkara sergi geçirilýär.

Aşgabat – ak mermerli binalaryň mesgeni. Soňky ýyllarda paýtagtymyzyň binagärlik keşbi tanalmaz derejede özgerýär. Bu ýerde bina edilýän medeni-durmuş we önümçilik maksatly desgalar bilen paýtagtymyzyň şähergurluşyk infrastrukturasy has-da ösýär. Baş şäherimizde amala aşyrylýan şeýle giň gerimli özgertmeler netijesinde Aşgabat gülläp ösýän ajaýyp şäher we möhüm ykdysady merkez hökmünde ykrar edilýär. Ak şäherimiz ak mermerli binalary bilen bir hatarda, halkymyzyň ägirt uly ruhy galkynyşyny alamatlandyrýan ýörelgeleri özünde birleşdirýär.

Aşgabat XIX asyryň ahyrynda, XX asyryň başlarynda depginli ösüş ýoluna düşýär. Aşgabadyň gözellikleri, ajaýyp binalary, desgalary Ginnesiň rekordlar kitabyndan mynasyp orun aldy. Ginnesiň rekordlar kitabyna täsinlikleriniň 11-si bilen giren Aşgabadyň özi hem 2013-nji ýylyň 25-nji maýynda dünýäde ak mermerli binalaryň iň köp jemlenen şäheri hökmünde hasaba alyndy. Munuň özi, ozaly bilen, Gahryman Arkadagymyzyň paýtagtymyzy ösdürmek boýunça alyp barýan giň gerimli işleriniň dünýä derejeli ykrarydyr,



ýurdumyzyň paýtagtynyň gaýtalanmajak gözelliklerine berlen ýokary bahadyr, baş şäherimiziň hemişe dünýä jemgyýetçiliginiň üns merkezindediginiň aýdyň nyşanydyr.

Aziýanyň merjeni bolan Aşgabat bu gün älem-jahanyň üns merkezinde. Günsaýyn özgerýän, gözelleşýän paýtagtymyz ak mermere beslenýän beýik ymaratlary, kaşaň jaýlary, giň we owadan köçeleri, seýilgähleri bilen bu ýere myhman bolup gelenleri haýran galdyrýar. Milli Liderimiziň döredijilik zehininiň, sungat eseriniň nyşany bolan ak şäherimiz Aşgabat parahatçylygyň, dost-doganlygyň, ynsanperwerligiň, hoşniýetliligiň we ynanyşmagyň mekanyna öwrüldi.

Häzirki wagtda Aşgabat şäherimiz täze ykrarnama eýe bolup, dünýäniň abraýly guramasy bolan ÝUNESKO-nyň «Döredijilik şäherleriniň tory» maksatnamasyna girizildi. ÝUNESKO-nyň «Döredijilik şäherleriniň tory» maksatnamasy 2004-nji ýylda esaslandyryldy. Bu abraýly halkara guramanyň döredijilik şäherleriniň toruna «Senetçilik we folklor sungaty», «Dizaýn», «Film», «Gastronomiýa», «Edebiýat», «Media sungaty» we «Saz» ýaly 7 sany döredijilik ugry boýunça 350 şäher girýär. Bu tora Aşgabat şäheriniň goşulmagy onuň uly dizaýn mümkinçiliklerini durmuşa geçirmäge, dizaýnerleriň başlangyçlaryny geljekde has-da ilerletmäge, halkara derejede döredijilik gatnaşyklaryny ösdürmäge ýardam eder. Aşgabat ýurdumyzda ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna goşulan ilkinji şäherdir, şeýle-de Merkezi Aziýa sebitinden bu tora «Dizaýn» ugry boýunça goşulan ilkinji şäherdir.

**Amangül JUMADOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# ELEKTRIK ENERGETIKASY – YKDYSADYÝETIŇ YGTYBARLY PUDAGY

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň energetika pudagynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny düýpli döwrebaplaşdyrmak we pugtalandyrmak, täze energiýa ulgamlaryny döretmek, ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak boýunça netijeli çäreler durmuşa geçirilýär. Şonuň ýaly belent maksatly işler göz öňünde tutulyp, ýurdumyzda bu ulgamyň binýadyny has-da döwrebaplaşdyrmaga we işjeňleşdirmäge niýetlenen «Energiýany tygşytlamagyň 2018–2024-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy», «Türkmenistanyň energetika diplomatiýasyny ösdürmegiň 2021–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy» we «Energiýanyň dikeldilýän çeşmelerini ösdürmek boýunça 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Türkmenistanyň Milli strategiýasy» ýaly birnäçe maksatnamalaýyn resminamalar kabul edildi. Bu resminamalar döwletimiziň elektrik energetika ulgamynyň durnukly ösüşini üpjün etmekde möhüm ähmiýete eýedir. Ykdysadyýetde esasy orunlaryň birini eýeleýän energetika ulgamynyň öňünde goýlan wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagy ulgamyň ýeterlik derejede ýokarlanýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzda elektrik energetikasy pudagynyň düýpgöter özgerdilmeginiň netijesinde, uly zähmet üstünlikleri gazanyldy. Bu pudagy ösdürmegiň konsepsiýasyna laýyklykda elektroenergetika pudagynda 12 sany elektrik stansiýasy hereket edýär. Olaryň umumy kuwwaty 7000 megawata deňdir. Taryh üçin gysga döwürde ýokary görkezijilere eýe bolan elektrik stansiýalarynyň ulanyşa girizilmegi pudagyň ýeten belent sepgitlerine aýdyň şaýatlyk edýär. Häzirki döwürde bu elektrik stansiýalary netijeli işledilip, ekologiýa taýdan arassa elektrik energiýasy öndürilýär. Bularyň ählisi sebitleriň energiýa üpjünçiliginiň ygtybarly bolmagyna, täze iş orunlarynyň döredilmegine mümkinçilik berýär. Geljekde pudak tarapyndan gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bolan Günden we ýelden elektrik energiýasyny almagyň, hereket edýän gazturbinaly elektrik stansiýalaryny ýönekeý dolanyşykdan utgaşdyrylan bug we gaz dolanyşykly elektrik stansiýalaryna öwürmegiň taslamalaryny durmuşa geçirmek bu ulgamyň öňünde derwaýys wezipeleriň biri hökmünde garalýar.

Golaýda ýurdumyzyň elektroenergetika pudagynyň kuwwatyny has-da ýokary sepgitlere ýetirjek ýene-de bir möhüm iri taslamanyň düýbi tutuldy.



Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda düýbi tutulan Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde guruljak döwrebap elektrik stansiýasynyň önümçilik kuwwaty 1574 megawata deň bolar. Bu ýerde utgaşykly hem gaz hem-de bug turbinalar oturdylar. Şeýle iri taslamanyň biri Mary welaýatynyň çäginde gurlup ulanmaga berlipdi. Täze elektrik stansiýasy senagat taýdan barha ösýän Balkan welaýatynyň sarp edijilerini elektrik energiýasy bilen ygtybarly üpjün eder. Stansiýanyň öndürýän elektrik energiýasynyň artykmaç bölegini ýurdumyzyň bitewi halkalaýyn energoulgamyna, şeýle hem goňşy ýurtlara ibermäge mümkinçilik dörär.

Türkmenistanda bitewi energetika halkasynyň gurluşyk işleri dowam etdirilýär. Taslamanyň esasy bölekleriniň biri bitewi energetika halkasyny döretmäge niýetlenilen Mary–Ahal ýokary woltly asma elektrik geçirijisi ulanmaga berildi. Bitewi energiýa halkasynyň döredilmegi Aşgabat şäheriniň we welaýatlaryň energetika ulgamlarynyň arasyndaky özara ätiýaçlandyryşa mümkinçilik berer. Balkan-Daşoguz ugry boýunça ýokary woltly asma elektrik geçirijisiniň gurluşygyny 2024-nji ýylda tamamlamak meýilleşdirilýär. Balkan-Daşoguz elektrik geçiriji ulgamynyň taslamasynyň çäklerinde, ýurdumyzyň demirgazygynda Daşoguz şäherinde ýerleşen iri döwlet elektrik bekediniň öndürýän elektrik energiýasyny kabul etmäge we paýlamaga mümkinçilik berjek täze kiçi elektrik bekediň gurluşygyny hem dowam etdirýärler. Ýeri gelende bellesek, Balkan-Daşoguz elektrik geçiriji ulgamynyň uzynlygy 560 kilometrden gowrakdyr. 2021-nji ýylyň oktýabr aýynda taslamanyň birinji tapgyry 421 kilometr uzynlygy bolan Ahal we Balkan sebitleriniň arasynda elektrik geçiriji ulgamynyň birinji tapgyrynyň işe girizilmegi bilen tamamlanypdy.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ýangyç-energetika serişdeleriniň önümçiliginiň we gazylyp alnyşynyň depgini düýpli ýokarlandyrylyp, energiýa serişdeleriniň ugradylyş ýollary hem diwersifikasiýalaşdyrylýar. Bilşimiz ýaly, indi köp ýyllardan bäri türkmen energetika ulgamy bilen sebitiň birleşen energetika ulgamynyň arasynda elektrik baglanyşygy bar. Häzirki wagtda Eýran Yslam Respublikasyna, Özbegistan Respublikasyna ýokary güýjenmeli elektrik geçirijisi boýunça elektrik energiýasynyň eksportyna niýetlenen «elektrik köprüsi» bardyr. Türkmenistanyň elektrik energiýasynyň beýleki ugurlar boýunça, hususan-da, Pakistan Yslam Respublikasyna we Täjigistan Respublikasyna eksport edilmeginiň geljegine uly umyt baglanýar.

**Gyzylgül ANNAÝAROWA,**
*Ýag şygeldi Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň mugallymy.*

# Söz mülkünüň şasy

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde türkmeniň beýik şahsyýetlerine we olaryň döredijiligine örän uly sarpa goýulýar.

Türkmeniň akyldar şahyry Magtymguly Pyragy türkmen edebiýatynda öçmejek yz galdyran şahsyýetleriň biridir. Şahyryň döredijilik mirasy diňe bir türkmen edebiýatynyň däl, eýsem, bütindünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna pugta ornaşdy.

Akyldaryň edebi mirasynyň ýokary ähmiýetli tarapy onuň döredijiliginiň halk pähimleri we halk döredijiligi bilen tebigy baglanyşyp gidýänligidir. Şahyryň ençeme goşgulary nakyllara we atalar sözlerine öwrülip gidipdir.

Käbir mysallara ýüzleneliň.

***Gel, köňlüm, men saňa nesihat kylaý,***
***Watany terk edip gidiji bolma.***

Bu setirlerde Pyragy Watanyň mukaddesligini, onda ýaşamagyň, Watan bilen galmagyň bagtdygyny ündeýär.

Şeýle hem şahyr «Ýar gerekdir» atly goşgusynda:



***Goç ýigitler il üstünde,***
***Namys bilen ar gerekdir –***

diýip, il-halka söýgini, Watanyň, halkyň bähbidi ugrunda göreşmegi ündeýär. Ata Watany goramagyň mukaddesdigini nygtaýar. Şahyr jomart, sahy, myhmansöýer, supra ýaýyp, il-güne hyzmat edýän ýigitleri wasp edýär.

Şeýle hem onuň ylym-bilimi wagyz edýän goşgulary aýratyn bellenmäge mynasypdyr. Çünki şahyr ylym öwrenmegiň, kitap okamagyň ähmiýeti hakynda çuňňur beýan etmek bilen bir hatarda ýaşlara pent-nesihat edýär:

***Adam bolsaň, gulak goýgul öwüde,***
***Alymlar ýanynda söhbet ýagşydyr.***

Şu setirlerden görnüşi ýaly, alymlaryň ýanynda bolmagyň, olaryň nesihatyny diňlemegiň möhümdigi bellenilýär.

Şahyryň:

***Janym biziň, Soňudagy,***
***Dagdanlydyr biliň seniň***

diýip, başlaýan goşgy setirlerinde hem eziz Watanymyzyň tebigaty, onuň gözelligi wasp edilýär. Goşgynyň many-mazmuny diňe bir tebigat bilen baglanyşykly däl, eýsem, onda küren iller, kerwen ýollary, umuman, gözel ýerleriň ilaty hakynda beýan edilýär.

Umuman, bu gün Magtymguly Pyragynyň döredijiligi dünýä ýaň salýar. Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň 24-nji maýynda Birleşen Milletler Guramasynyň bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bolan ÝUNESKO-nyň Ýerine Ýetiriji Geňeşiniň Pariž şäherinde geçirilen 216-njy mejlisinde beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň golýazmalar ýygyndysy ÝUNESKO-nyň «Dünýä hakydasy» atly halkara sanawyna goşuldy.

2024-nji ýylda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň halkara derejede, giňden belleniljekdigi beýik şahyra uly sarpa goýulýandygynyň ýene-de bir aýdyň mysaly bolar. «Ajaýyp şygyrlary bilen ynsan kalbyny ýagşylyk nuruna bezän türkmeniň akyldar ogly Magtymguly Pyragynyň mertebesi türkmen halky üçin iň belentde goýulýan mukaddesliklerиň biridir» diýýän Gahryman Arkadagymyzyň şahyryň döredijiligine berýän belent bahasy Magtymgulynyň döredijiliginiň türkmen halkynyň durmuşynda wajyp orun tutýandygyny görkezýär.

**Laçyn SAPARGELDIÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 35-nji orta mekdebiň müdiri.*

# EKOLOGIÝA HOWPSUZLYGY DERWAÝYS MESELE

Milli ykdysadyýetimizde hil taýdan täze taslamalary diwersifikasiýa hem-de innowasiýalaryň ýoly bilen alyp gitmek, döwrüň ösen talaplaryna laýyk gelýän durmuş-ykdysady ulgamynyň kämilleşdirilmegi ösüşleriň täze belentliklerine barýan Garaşsyz döwletimiziň geljekki ösüşleriniň esasy şertleriniň biri bolup durýar. Ösen ykdysadyýetiň şertlerinde ýurdumyzyň gözel tebigatyny goramak, «ýaşyl ykdysadyýetiň» gerimini giňeltmek we mümkinçiliklerini kämilleşdirmek döwrüň möhüm wezipeleriniň biri bolmagynda galýar. Daşky gurşawy goramak, durnukly ösüşi gazanmakda halkara tagallalara ýardam bermek döwletimiziň alyp barýan daşary syýasatynyň örän möhüm bölegidir. Ekologiýa çäreleri bu gün ýurdumyzyň ykdysady taýdan ösmeginiň täze şertine, tutuş halk hojalygynyň tebigatdan peýdalanmagyň täze nusgasyna geçmegi üçin binýada öwrülýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşinde «Döwlet ilatyň sagdyn ýaşaýyş şertlerini goramak we üpjün etmek, daşky gurşawy goramak we onuň durnukly ýagdaýyny saklamak maksady bilen tebigy baýlyklaryň rejeli peýdalanylyşyna gözegçilik edýär» diýlip bellenmegi aýdylanlaryň kanuny kepilidir.

Ýeri gelende bellesek, ýurdumyz halkara hukugynyň kadalaryna laýyk gelýän «Ekologiýa howpsuzlygy hakynda», «Tebigaty goramak hakynda», «Aýratyn goralýan tebigy ýerler hakynda», «Ösümlik dünýäsi hakynda», «Haýwanat dünýäsi hakynda», «Balykçylyk we suw biologik serişdelerini goramak hakynda», «Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy», Tokaý kodeksi we beýleki kanunçylyk namalaryna laýyklykda hem-de BMG-niň «Biologik dürlülik hakyndaky» Konwensiýasyna goşulyp, öz üstüne alan borçnamalaryny abraý bilen ýerine ýetirip gelýär. Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet ekologiýa syýasatynyň esasy maksady türkmen halkynyň arassa daşky gurşawda ýaşamagyny üpjün etmekden hem-de tebigy baýlyklarymyzy rejeli peýdalanmakdan we geljekki nesillerimize has gözel görnüşde ýetirmekden, bu ugurda sebit we halkara derejede ygtybarly hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek, eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak, gözel tebigatymyzy aýawly saklamak boýunça döwletimiz tarapyndan giň möçberli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bu gün siwilizasiýanyň geljegi bilen gönüden-göni baglanyşykly ekologiýa we daşky gurşawy goramak meseleleri tutuş dünýäde üns merkezinde saklanýar hem-de Türkmenistanyň öňe sürýän başlangyçlary we ýurdumyzda bu ugurda alnyp barylýan çäreler tutuş dünýäde barha giň gerime eýe bolýar.

Birleşen Milletler Guramasynyň daşky gurşaw boýunça konwensiýalarynyň onlarçasyna goşulmak bilen, ýurdumyz durnukly ösüş boýunça dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde goýlan meseleleri çözmäge düýpli çemeleşýär. Bilşimiz ýaly, bu ugurda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş maksatnamasy we Daşky gurşaw boýunça maksatnamasy, Bütindünýä ekologiýa gaznasy, Araly halas etmegiň Halkara gaznasy, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti ýaly köp sanly abraýly halkara we sebit guramalary bilen yzygiderli hyzmatdaşlygy alyp barýar hem-de ekologiýa abadançylygyny üpjün etmäge gönükdirilen täze başlangyçlar bilen çykyş edýär. Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan Howanyň üýtgemegi boýunça täze halkara ylalaşygynyň, «Birleşen Milletler Guramasy bilen Araly halas etmegiň Halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly Kararnamanyň, Hazarýaka döwletleriniň Baştutanlary tarapyndan birnäçe ylalaşyklaryň kabul edilmegi, şeýle-de Araly halas etmegiň Halkara gaznasyna we onuň Durnukly ösüş boýunça döwletara komissiýasyna Türkmenistanyň başlyklyk etmegi ýurdumyzyň halkara derejede öňe süren teklipleriniň we başlangyçlarynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan giň goldaw tapýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Biziň ýurdumyz bütin dünýä üçin geljege gönükdirilen «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmegiň iň işjeň merkezleriniň birine öwrülmegi üçin zerur bolan şertleriň ählisi döredilýär. Batly depginler bilen ösýän döwletimiz üçin Pariž ylalaşygynyň çäklerinde zyňyndy gazlaryň möçberini azaltmak bilen bagly öz üstüne alan borçnamalaryny ýerine ýetirmekde düýpli wezipeler



öňde durýar. Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň täsirlerine uýgunlaşmak hem-de onuň ýaramaz täsirlerini peseltmek meselelerinde halkara jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmäge gönükdirilen başlangyçlar bilen çykyş edýär. Häzirki wagtda döwletimiziň ykdysadyýetiniň ähli ulgamlaryna döwrebap tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagynyň hasabyna bug gazlarynyň zyňylmalarynyň göwrümi görnetin ýagdaýda peselýär. Howanyň üýtgemegine garşy hereketleriň gün tertibinde göz öňünde tutulan maksatlara ýetmek üçin, Türkmenistanda milli derejede metanyň zyňylmalarynyň azaldylmagyna aýratyn üns berilýär.

Özüniň milli kanunçylyk binýadyny yzygiderli kämilleşdirmek arkaly, Türkmenistan howanyň üýtgemeginiň bitaraplygynyň gazanylmagyna ähmiýetli goşandyny goşýar. Şunlukda, Howanyň üýtgemegi boýunça Milli strategiýa, 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energetikany ösdürmek boýunça Milli strategiýa hem-de «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň täze Kanuny kabul edildi.

Ilatyň saglygyny ekologiýa howplaryndan goramak bilen bagly iň täze tehnologiýalaryň ulanylmagynyň daşky gurşawy iň oňat geljegiň bähbidine adamlaryň saglygyny goramagy üpjün etmek arkaly ykdysady ösüşlere mümkinçilik berýändigi baradaky ynamy öňe sürýär. Muňa mysal edip, Ahal welaýatynda dünýäde ýeke-täk hem-de deňi-taýy bolmadyk, iň döwrebap senagat toplumy bolan tebigy gazdan benzin öndürýän zawodyň «Ekologiýa taýdan arassa» diýlip ykrar edilmegi aýdylanlara aýdyň subutnamadyr.

Ýurdumyzda alnyp barylýan döwlet ekologiýa syýasatynyň esasy maksady türkmen halkynyň arassa daşky gurşawda ýaşamagyny üpjün etmekden hem-de tebigy baýlyklarymyzy rejeli peýdalanmakdan we geljekki nesillerimize has gözel görnüşde ýetirmekden, bu ugurda sebit we halkara derejede ygtybarly hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Häzirki wagtda ýurdumyzda ekologiýa abadançylygyny üpjün etmek, Howanyň üýtgemegi boýunça Türkmenistanyň milli strategiýasynda we Milli tokaý maksatnamasynda öňde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek, eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmek, ösümlik we haýwanat dünýäsini baýlaşdyrmak, gözel tebigatymyzy aýawly saklamak boýunça döwletimiz tarapyndan giň möçberli işler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda daşky gurşawy goramak ulgamynyň kanunçylyk binýadyny berkitmek we kämilleşdirmek boýunça hem yzygiderli işler alnyp barylýar. Bu ulgamda hereket edýän kanunçylygyň kämilleşdirilmegi, ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmek boýunça alnyp barylýan işleriň has-da ýaýbaňlandyrylmagy, ekologiýa we daşky gurşawy goramak boýunça halkara maslahatlaryň yzygiderli geçirilmegi döwlet ekologiýa syýasatymyzyň üstünlikli amala aşyrylýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň bähbidine milli hem-de ählumumy derejede ýurdumyzyň ähli şäherleriniň we obalarynyň töwereginde gök zolaklaryň döredilmegini göz öňünde tutýan uzakmöhletleýin bag ekmek maksatnamasy üstünlikli durmuşa geçirilýär. Tutuş ýurdumyz boýunça amala aşyrylýan giň gerimli bagy-bossanlyga büremek maksatnamasy daşky gurşawy goramak babatda dünýäde alnyp barylýan işlere ägirt uly goşantdyr. Şol maksatnamanyň çäklerinde şäherleriň, ilatly ýerleriň töwereklerinde, awtomobil we demir ýollarynyň ugurlarynda täze tokaýlyklar kemala gelýär. Sanlyja ýyllaryň dowamynda ekilip, idedilip, günsaýyn boý alýan tokaý zolaklaryny, ýaşyl öwsüp oturan arçalyklary göreniňde günsaýyn gözelleşýän tebigatymyza bolan buýsanjyň goşalanýar.

Daşoguz welaýatynda Sarygamyş kölüniň gündogarynda ýerleşýän Bötendag belentliginiň töweregindäki düzlüklerde topragyň şorlaşmagy, çölleşmek hadysalarynyň güýçlenmegi, biologik köpdürlüligiň azalmagynyň öňüni almak maksady bilen Bötendag belentliginiň töweregini tokaýlaşdyrmak wezipesi bellenildi. 2013-nji ýyldan bäri Bötendag belentliginiň töwereginde 20 müň gektar meýdanda çöl ösümlikleriniň nahallaryny oturtmak işleri alnyp barylýar. Bagçylyk işleri boýunça türkmen alymlarynyň maslahatlary esasynda dokuz müň gektara golaý ýerde duzlaşmaga durnukly we topragy berkidiji agaçlar ekildi. Bötendag alaňynda iri möçberli ekologiýa taslamasyny amala aşyrmak maksady bilen bu sebitiň elektrik geçiriji hem-de suwaryş ulgamlary kämilleşdirildi. Munuň özi sebitde Aral deňziniň guramagy bilen bagly emele gelen amatsyz ekologik ýagdaýyň täsirlerini azaltmaga, howany zyýanly tozan bölejiklerinden saplamaga, biodürlüligiň baýlaşmagyna, öri meýdanlarynyň giňelmegine amatly şertleri döredýär.

**Orazmuhammet DÄDEBAÝEW,**
*Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesiniň hojalyk işleri boýunça esasy hünärmeni.*

# BAG GEÇISIMI ÝA-DA DAG GEÇISI?!

**Goşa toýnakly jandarlar bolan geçileriň Ýer ýüzünde öýdeçi we ýabany tebigatda ýaşaýan 300 töweregi görnüşi duş gelýär. Adatça, bu jandarlar otluk meýdanda, dag eteklerinde, baýyrlarda we düzlüklerde otlaýarlar. Goýundan tapawutlylykda geçiler belende çykyp, öň aýagyna galyp, agajyň ýapraklaryny iýip bilýärler. Ýöne geçiniň bu ugurda has ökde – agajyň çür depesine ýa-da dagyň kert gaýasyna çykyp iýmitlenýän görnüşleri hem bar. Geliň, geçiniň täsin görnüşleri bilen tanyş bolalyň!**

**BAG GEÇISI.** Afrikanyň demirgazyk-günbatar sebitinde, Marrakeşden kenarýaka Essauira şäherine barýan tozanly ýolda argan agaçlaryny eýeläp oturan geçileri görmek bolýar. «Akrobat geçileriň» bu tomaşasy görenleri geň galdyrýar. Geçiniň adaty görnüşi bolan marokko geçisiniň çöpüri, esasan, ak reňkde bolýar. Bu geçiler dyrmaşmak üçin tikenli argan agajyny saýlap alypdyrlar. Arganyň içi maňyzly miwesi geçiler üçin elýetmez iýmit hasaplanýar. Geçiler 10 metre çenli ýokary dyrmaşyp, 3-4 sagatlap agajyň miwesini çöpleýärler. Hatda geçiler maňyzly miwäni iýmek üçin agaçdan agaja-da böküýärler. Agajyň çür depesindäki inçejik şahalarda deňagramlylygy saklap, birnäçe sagatlap durýarlar. Syýahatçylaryň geçileriň bu endigini emeli ýagdaýda öwredilen diýip hasaplaýandyklaryna garamazdan, bu hadysa marokko geçileriniň dogabitdi endigidir. Ýewropaly syýahatçylar bu jandarlara «uçýan geçiler» diýip at beripdirler. Afrikanyň beýleki sebitlerinde beýle ýagdaýa duş gelinmeýär. Çopanlar sebitde gurakçylyk bolup, ekin bitmeýändigi sebäpli, geçileriň iýmit gözläp agaja çykandyklaryny aýdýarlar. Agaja dyrmaşýan geçileri synlaýan syýahatçylar käte howsala düşýärler. Sebäbi geçileriň ýokardaky hereketleri käwagt şowsuz bolup, büdräp ýa-da ýykylyp bilýärler. Janly-jandarlar bilen gyzyklanýan hünärmenleriň bellemeklerine görä, Marokkoda ýaşaýan geçiler guraklyk hem-de ot ýetmezçiligi sebäpli agaja dyrmaşmagy öwrenipdirler. Agaja dyrmaşmak bu jandarlaryň tebigy häsiýeti bolup, argan agajynyň köpelmeginde uly ähmiýeti bardyr. Sebäbi geçiler bu agajyň miwesini iýip, şänigini dürli ýere dargadýarlar. Bu bolsa tokaýyň giňemegine mümkinçilik berýär.




Diňe günorta-günbatar Marokkoda ösýän, gyrymsy agajyň bir görnüşi bolan arganyň tikenli baldagy, ownujak ýapragy we içi maňyzly miwesi bolýar. Ajy tagamly zeýtuna meňzeş bu miweden sykylyp, ýag alynýar. Argan ýagy marokkolylar üçin elýetmez iýmitleriň biridir.

**DAG GEÇISI.** Italiýanyň demirgazygynda «alpinist geçiler» ýaşaýar. Antrona jülgesindäki seýilgähde ýaşaýan dag tekesi (Alp ibex) dik gaýalara we jülgedäki Çingino bendine dyrmaşyp, duz ýalaýar. Geçiniň bu görnüşi birnäçe sekuntlap göni diwarda saklanyp bilýär. Ýagyşdyr garyň ýagmagy bilen gaýada toplanan duz gatlagy dag geçileri üçin ýokumly hasaplanýar. Italiýanyň demirgazygynda «alpinist geçileriň» bardygy barada ilkinji gezek aýdylanda muňa ynanmaýarlar. Soňra 160 metr beýiklige dyrmaşyp ýören dag tekeleriniň surata düşürilmegi bilen köpçülige mälim edilýär. Öri meýdanlarda otlap ýören geçiler mineral duz ýetmezçiliginden ejir çekýärler. Dag tekeleri duz ýetmezçiliginiň öwezini dolmak üçin gaýalara dyrmaşýarlar. Bilermenler geçiniň bu görnüşiniň şeýle howply ýagdaýlardan nädip baş alyp çykýandygyny öwrendiler. «Alp ibex»-iň toýnagy beýleki goşa toýnaklylaryň dabanyndan giň bolup, dik gaýalara mäkäm ýapyşmaga kömek edýär. Toýnaklar agyrlyk güýji bilen basyş edilende «saklaýjy» bolup hyzmat edýän ýumşak rezine öwrülýär. «Alp ibex» Alp daglarynda ýaşaýan ýabany geçiniň bir görnüşi bolup, yza egrelýän şahy hem-de goňrumtyl-çal reňki bilen tapawutlanýar. Bu geçiler Alp daglarynyň dik gaýalarynda otlap, 5 müň metr belentlikde ýaşap bilýärler.




# SUWUŇ IÇINDÄKI TARYHY ŞÄHER

Sirmione Italiýanyň demirgazyk şäheri bolup, Garda kölüniň aşaky böleginde ýerleşýär. Miladydan öňki VI-V müňýyllyklara degişli bu şäher Italiýanyň taryhy merkezi hasaplanýar. Sirda ýarym adasynyň ujunda ýerleşýän Sirmione baglar, dynç alyş kenarlary, galalar bilen örtülipdir. Bary-ýogy 33 inedördül kilometr meýdany tutýan bu şäher syýahatçylyk babatda ösen ýerleriň biridir. Garda kölüniň göm-gök suwuna öwşün atýan şäher günorta tarapa uzalyp, uzyn we dar zolagy emele getirýär. Orta asyrlara degişli Sirmioneniň 10 müň töweregi ilaty bar. Şähere barmak üçin pyýada köprüsinden geçmeli. Sirmione şäherine ulag serişdeleri goýberilmeýär. Girelgedäki awtoduralgada ulagyňy goýup, şähere pyýada gezelenç etmäge rugsat berilýär. Şäherde ilkinji göze ilýän ýer Skaligero galasydyr. Galadan uzalýan dar köçeler şäheriň demirgazyk çetindäki Ýamaýka kenaryna we gadymy Rim willasyna eltýär. Şäheriň demirgazyk kenary baglar bilen örtülip, owadan görnüşi emele getirýär. Şäheriň gadymy galalaryna gezelenç edip, dar daşly köçelerinde aýlanyp, suwuň içindäki şäheriň owadanlygyny synlap bolýar. Sirmionede gezelenç etmeli esasy ýerler:




**Skaligero galasy.** XIV asyra degişli bolan bu gala Italiýanyň iň gadymy galalarynyň biridir. Werona hökümdary tarapyndan gurlan bu galada iň soňky gezek 2018-nji ýylda dikeldiş işleri geçirilýär. Galanyň diwarlary ýöremek üçin niýetlenen bolup, 146 basgançakly minaralara çykyp şäheriň ajaýyp görnüşini synlap bolýar. Skaligeronyň esasy aýratynlygy gämiler üçin niýetlenen galanyň, ýagny daşyna beýik diwar örülen, üsti açyk portuň bolmagydyr.

**Şäher merkezi.** Sirmioneniň şäher merkezini dar köçeleriň labirinti emele getirýär. Bu ýerde kafeler, dükanlar we kiçiräk myhmanhanalar bar. Şäher merkezinden geçmek üçin 1 sagat töweregi wagt gerek.

**Suwdaky gezelenç.** Şäherdäki iň gowy güýmenjeleriň biri şäheri suwuň üstünden synlamakdyr. Esasan hem, agşam çagy guralýan gaýykly gezelençler 1 sagat töweregi dowam edýär. Garda kölüniň çüýşe ýaly dury suwunda gezelenç etmek arkaly şäheriň gözelligini synlap bolýar.

**Ýamaýka kenary.** Sirmioneniň demirgazyk burnuna Ýamaýka kenary diýilýär. Bu kenar giň we tekiz çäge gaýalaryndan düzülip, agaçlar bilen örtülen gözelligi emele getirýär. Kenarda dynç almak üçin oturgyçlar we stollar bolup, kiçiräk restoranlar hem bar. Bu kenar Italiýa barýan syýahatçylaryň iň köp gelim-gidimli ýerleriniň biridir.

**Rim mülki.** 2 gektar meýdany eýeleýän bu arheologik ýadygärlige aýlanmak üçin 1 sagada golaý wagt gerek. Ýamaýka kenaryndan uzak bolmadyk ýerde ýerleşýän Rim willasynda gadymy öýler, üzümçilik meýdanlary we baglar bar.

**Ýyly suwly hammamlar.** Sirmione ýyly suwly hammamlaryň mekanydyr. Bejeriş aýratynlyklary bolan bu hammamlar sulfata baý ýerasty çeşmeden çogup çykýar. Bu ýerde birnäçe myhmanhana bolup, howuzdyr bug wannalary hem bar.

# IRDEN TURUP SUW IÇMEGIŇ PEÝDASY

**Irden turup suw içmegiň peýdalydygy ýa-da zyýanlydygy barada dürlüçe pikirler bar. Eýsem, aç wagtyň suw içmek peýdalymy?**



Suw ýaşaýşyň aýrylmaz bölegi bolup, kadaly derejede suw içmek saglyk üçin peýdalydyr. Adam bedeniniň esasy bölegi suwdan durýar. Myşsalaryň 75 göterimi, beýniniň 90 göterimi, süňkleriň 22 göterimi hem-de ganyň 83 göterimi suwdan ybarat. Bilermenler irden turup suw içmegiň peýdalydygyny belleýärler.

☑ Ertirlik naharyndan öň 1 ýa-da 2 bulgur suw içmek bedeniň toksinlerden saplanmagyna we bedenimizi toplanan artykmaç maddalardan arassalamaga mümkinçilik berýär. Irden turup suw içmek bedeniň alyş-çalşygyny çaltlandyryp, kesellerden goranmaga kömek edýär.

☑ Uka gidenimizde bedenimiz öýjükleri «bejermek» we täzelemek üçin işleýär. Irden turan badyňa suw içmek işlenen galyndylaryň peşew arkaly çykmagyny üpjün edýär.

☑ Irden turup suw içmek içki beden agzalaryny zerur bolan suwuklyk bilen kanagatlandyryp, sagdyn işlemegini üpjün edýär.

☑ Suw deriniň çeýe we sagdyn görünmegi üçin peýdalydyr. Irden 2 bulgur suw içmek deriniň guramagynyň öňüni almaga, derini kesellerden goramaga ýardam edýär.

☑ Açlygyňa 2-3 bulgur suw içmek horlanmaga hem kömek edýär. Suw bedenden toksinleri çykarmakdan başga-da, artykmaç ýagyň we kaloriýanyň ýanmagy üçin peýdalydyr. Mundan başga-da, suw açlyk duýgusyny basyp, artykmaç iýmitlenmegiň öňüni alýar.

☑ Ir bilen 1 bulgur ýyly suw içmek günüňi energiýa bilen başlamagyň iň gowy usuly bolup, ukusyzlygy we ýadawlygy aradan aýyrmaga ýardam edýär.

☑ Aç wagtyň 3 bulgur suw içmek aşgazandaky kislotanyň derejesini peseltmäge we gastritiň öňüni almaga kömek edýär. Şeýle hem içege ýollaryny arassalap, bedeni ýokançlyklardan goraýar.

## ÇAGALAR

✓ Kagyzdan eplenip ýasalýan dürli şekillere «origami» diýilýär. Origami ýapon dilinde «kagyz» diýmegi aňladýar.

# ALABEDER AÝYLARYŇ MILLI SEÝILGÄHI

**Janly-jandarlaryň käbiri Ýer ýüzüniň ähli ýerinde diýen ýaly gabat gelip, dürli şertde ýaşap bilýär. Käbiri bolsa, belli bir sebitde duş gelip (endemik), şol ýeriň özüne mahsus tebigatyna uýgunlaşýar. Şeýle jandarlaryň biri hem pandalardyr. Alabeder aýylara dünýäniň ýekeje ýerinde – Hytaýyň Äpet panda milli seýilgähinde (Giant Panda National Park) duş gelmek bolýar.**



22 müň inedördül kilometr meýdany tutýan Äpet panda milli seýilgähi ýurduň Siçuan, Ningsiýa we Şanhi welaýatlaryna çenli uzalyp gidýär. 1987-nji ýylda döredilen bu milli seýilgäh 67 panda goraghanasyny öz içine alýar. Panda Hytaýyň milli nyşany we dünýädäki iň eýjejik jandarlaryň biri hasaplanýar. Äpet panda milli seýilgähinde 1 müň 864 panda ýaşaýar. Bu Hytaýda ýaşaýan pandalaryň 80 göterimine deňdir.

Pandalar alabeder reňki bilen meşhurdyr. Aýynyň bu görnüşi ak kellesi, gözüniň töweregindäki gara tegmilleri we gara gulaklary bilen tapawutlanýar. Bu jandarlaryň göwresiniň esasy bölegi ak sütük bilen örtülip, aýaklary we «elleri» gara bolýar. Pandalaryň boýy 1 metrden 2 metre çenli ýetýär. Agramy 70-den 160 kilograma çenli bolýar. Pandalaryň ortaça agramy 110 kilograma deň. Pandalar iýmitlenmek üçin «ellerini» ulanýarlar. Alabeder aýylaryň iň halaýan iýmiti bambuk bolup, her gün 9-14 kilograma çenli bambuk ýapraklaryny iýýärler. Pandalar gününiň 12-14 sagadyny iýmitlenmek bilen geçirýärler. Eýjejik jandarlar tekiz ýerde ösen bambuga görä, dag eteklerinde, belentlikde ösen bambuk ýapraklaryny has gowy iýýärler.

Seýilgähde her panda aýratynlykda ideg edilýär. Kiçijik pandalar doglandan 3 aýdan soň ýöräp başlaýarlar. Bu jandarlar 4 aýa çenli gözegçilikde saklanyp, soňra «çagalar bagyna» berilýär. Panda 1,5 ýaşanda agramy 50 kilograma ýetýär. Ýagny bu jandarlar haýal ulalýar. 2 ýaşly pandalar özbaşdak ýaşamaga ukyply hasaplanýar.

Äpet panda milli seýilgähine her gün ortaça 40-80 müň syýahatçy barýar. Syýahatçylar pandalary ýakyndan synlamak bilen bir hatarda, bu jandarlaryň ýaşaýyş ýagdaýy, tebigatda özüni alyp barşy bilen tanşyp bilýärler. Seýilgähde pandalar barada wideorolikler görkezilip, multimediýa sapaklary hem geçirilýär. Şeýle hem panda muzeýine gezelençler guralyp, panda stadionynda oýunlar oýnalýar. Seýilgähde panda öýjagazlary, panda «restorany» we panda hassahanasy bar. Şeýle hem ýodalarda panda heýkellerini görmek bolýar. Seýilgähiň girelgesindäki we merkezindäki dükanlardan kiçijik panda oýnawaçlaryny, daşynda pandanyň şekili bolan depderleri, ruçkalary, galamlary satyn alyp bolýar. Seýilgähdäki iň meşhur haryt panda täji bolup, bu täji geýip aýlanmak ýörgünli däp hasaplanýar. Pandalar ýitip barýan görnüş hasaplanmasa-da, haýal köpelýän jandar hasaplanýar.





# Origami – kagyz eplemek sungaty

Her ýylyň 11-nji noýabrynda Bütindünýä origami güni bellenilip geçilýär. Kagyzdan eplenip ýasalýan dürli şekillere «origami» diýilýär. Ünslüligi, sabyrlylygy we usullylygy talap edýän sungatyň bu görnüşi XVII asyrda Ýaponiýada döreýär. Ýapon dilinde «kagyz» diýmegi aňladýan origami beýleki dillere adalga sözi hökmünde geçýär. Az çykdajyly, zehiniňi we başarnyklaryňy ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän kagyz eplemek sungaty oýlanyp tapylan iň gyzykly güýmenjeleriň biridir.



Çagalaryň kiçilikden el hereketlerini ösdürmegi üçin peýdaly bolan origami bir bölek kagyzy diňe eplemek arkaly ýasalýar. Ýöne käbir çylşyrymly origamide kagyzy kesmek we bölekleri ýelmemek arkaly hem dürli görnüşli gülleriň, haýwanjyklaryň şekilini ýasap bolýar. Origami ünsüňi bir ýere jemlemegi, kagyzyň epleniş yzygiderliligini ýatda saklamagy talap edýär. Kagyz ýalňyş eplenen halatynda geometrik şekilleriň (dörtburç, üçburç, tegelek, gönüburç, konus) sazlaşygy bozulyp, nätakyk görnüş emele gelýär.

Origami ilkibaşda toý dabaralarynda we milli baýramlarda ýakynlaryňa paýlamak, öýleri bezemek maksady bilen ýasalypdyr. Ýüzüne goşgy setirleri, gutlag sözleri ýazylan şekiller – kebelejikler XVII-XVIII asyrlaryň toý nyşanlary hasaplanypdyr. Ýaponiýadan Hytaýa, Ýewropa ýurtlaryna ýaýran kagyz eplemek sungaty soňlugy bilen körpejelere niýetlenen güýmenjeleriň birine öwrülýär. Häzirki wagta çenli ýasalan origamileriň iň meşhur nusgasyna «orizuru» (ganat kakýan gyzyl durna) diýilýär. Gyzyl durna ýapon medeniýetinde hoşniýetliligiň we parahatçylygyň nyşany hasaplanýar.

Labirint



Şekili reňkläň!



10 tapawudy tapyň!





Origami

Gyzykly pursat



# Sungata baglanan ykbal

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýleki ugurlarymyz bilen bir hatarda, medeniýetimiz we sungatymyz hem pajarlap ösýär. Munuň şeýledigine ýurdumyzyň teatrlarynda döwrebap, ilhalar spektakllaryň sahnalaşdyrylyp halk köpçüligine ýetirilip durulýandygy hem aýdyň mysaldyr. Teatrlarymyzyň sahnasynda täze spektakllar bilen bir hatarda türkmen teatr sungatynda yz goýup giden halypa artistlerimiziň gatnaşmagynda sahnalaşdyrylyp, halkyň aňyna siňip giden spektakllar hem täzeden işlenilip, halk köpçüligine ýetirilýär. Şu ýylyň başynda ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň döredijilik topary-da ýazyjy, dramaturg Towşan Esenowanyň edebi eseri esasynda Türkmenistanyň halk artisti Ata Alowowyň sahnalaşdyran «Gelin gelýär» atly spektaklyny halk köpçüligine hödürledi. Tomaşaçylaryň gyzgyn söýgüsine mynasyp bolan bu spektakly Türkmenistanyň halk artisti Gülälek Akmyradowa täzeden sahnalaşdyryp, medeniýet işgärleriniň gününe gabatlanyp halk köpçüligine hödürlenildi. Ýakynda «Gelin gelýär» atly spektaklynda baş keşpleriň biri bolan Jöwza atly zenanyň keşbini janlandyryp, teatr muşdaklarynyň söýgüsini gazanmagy başaran artist Gurbangözel Akmyradowa bilen söhbetdeş bolup, ony okyjylar köpçüligine ýetirmegi makul bildik.

**— Gurbangözel, ykbalyňyzy teatr sungatyna baglaýşyňyz dogrusynda gürrüň beräýseňiz?**

— Men entek mekdepde okap ýörkäm obamyzdaky medeniýet öýüne ýurdumyzyň teatrlarynyň döredijilik toparlary gelip, öz spektakllary bilen çykyş edýärdiler. Menem şol spektakllara höwes bilen tomaşa edýärdim. Bir gün şol wagtky Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň döredijilik topary obamyza gelip, ýazyjy, dramaturg Annaberdi Agabaýewiň edebi eseri esasynda sahnalaşdyrylan «Bir görlen tanyş» atly spektakly bilen çykyş etdiler. Bu spektaklyň wakasy Beýik Watançylyk urşy bilen baglanyşykly bolansoň oňa tolgunman tomaşa edip bolmaýardy. Esasan baş keşp bolan Bossan ejäniň keşbini Türkmenistanyň halk artisti Sabyr Ataýewanyň janlandyryşyny synlanyňda süňňüň lerzana gelýärdi. Ozal hem mekdebimizde hereket edýän drama gurnagynda gysgajyk sahnalara gatnap ýöremsoň Sabyr ejäniň şol keşbini synlap mende geljekde artist bolup, teatrda işlemek höwesi oýandy oturyberdi. Aslynda, meniň ejem Abadan hem eli sypynsa eline deprek alyp, dep çalyp, aýdyma hiňlenmäni gowy görerdi. Özi hem ol depi şeýle bir ökdelik bilen çalardy. Şonuň ýaly hem ejemiň wäşi häsiýeti bardy. Ol şorta sözleri aýdyp bizi gülüşdirerdi. Megerem meniň ykbalymy teatr sungatyna baglap, artist bolup ýetişmegime şol zatlar sebäp bolandyr. Sabyr ejäniň döreden Bossan ejesine tomaşa edenimde men 9-njy synpda okaýardym. Biz drama gurnagymyzda «Intizar» atly gysgajyk sahna oýnuny özümiz taýýarladyk. Şol oýunda bolsa maňa garry enäniň keşbini janlandyrmak tabşyrdylar. Entek juda ýaşlygyma garamazdan, Sabyr ejäni göz öňüme getirip, enäniň keşbini höwes bilen döretmegi başarypdym.

**— Orta mekdebi tamamlanyňyzdan soňky durmuş ýoluňyz nähili dowam etdi?**

— Mekdepde okaýarkam, esasan, türkmen dili we edebiýaty sapaklaryna ýykgyn edýärdim. Mekdebimizdäki drama gurnagyna gatnap gysgajyk sahna oýunlarynda çykyş edýärdim. Teatrlarda spektakllara tomaşa edýärdim. Şu zatlaryň netijesinde men orta mekdebi tamamlap, gursagymdaky arzuwymy amala aşyrmak maksady bilen 1982-nji ýylda öňki Mollanepes teatrynyň ýanyndaky artistleri taýýarlaýan üç ýyllyk teatr studiýasynyň drama we kino artisti bölümine okuwa girdim.

**— Siziň üçin talyplyk ýyllaryňyzy ýatlamak hem ýakymly bolsa gerek?**

— Elbetde, teatr studiýada maňa halypa artistler Aman Gurbandurdyýew, Annamyrat Berdiýew, Nurmuhammet Keşşikow, Welmyrat Amanow, Rejep Hojagulyýew halypalardan tälim almak miýesser etdi. Teatr studiýada meniň bilen bir toparda soň hormatly atlara mynasyp bolan oglan-gyzlaram okadylar.

Olardan Türkmenistanyň halk artisti Haýytmyrat Durdyýew, Türkmenistanyň at gazanan artistleri Aşyr Ýemşikow, Meret Seýidow, şeýle-de Aýmämmet Işangulyýew, Annabaýram Paýaýew, Hanmämmet Annaýew, Patma Gylyjowa, Gözel Rozyýewa dagy bar. Teatr studiýanyň soňky ýylynda biz toparymyz bolup diplom iş üçin «Polkuň ogly» atly eser boýunça sahna oýnuny taýýarladyk we maňa Warwara atly rus zenanynyň keşbini janlandyrmagy tabşyrdylar.

Meniň janlandyran keşbim synçy topar tarapyndan oňat baha mynasyp boldy. 1985-nji ýylda teatr studiýany üstünlikli tamamlanymdan soň meni Mollanepes teatrynda işe alyp galdylar. Şeýdip men teatryň halypa artistleriniň içine goşulyp gidiberdim.

**— Teatr studiýany tamamlanyňyzdan soň ýaş artist hökmünde döreden keşpleriňizem ýatlaýsaňyz?**

— Şol wagtlar Mollanepes teatrynyň repertuaryndan düşmän gelýän A.Agabaýewiň «Bir görlen tanyş» atly spektaklyndaky Bossan ejäniň agtygy Keýigiň keşbi meniň teatryň sahnasynda döreden ilkinji keşbim boldy. Keýigiň keşbini janlandyrmagym meni çagakam eden arzuwyma ýetiripdi. Bu keşpden soň maňa režissýorlar öz taýýarlaýan spektakllarynda keşp janlandyrmagy tabşyryp başladylar. Olardan «Ykbal», «Suw damjasy – altyn dänesi», «Hasar», «Ömür dowamy» ýaly spektakllardaky dürli häsiýetdäki we kärdäki keşpler bar.






2006-njy ýylda ykbalyň emri bilen ýurdumyzyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynda işlemeli boldum. Bu teatryň sahnasynda-da maňa halypa artistler Hurma Isgenderowa, Aman Sapardurdyýew, Näzik Gurbanowa, Myrat Agabaýew dagynyň ýardam etmeklerinde birnäçe sahna oýunlarynda ululy-kiçili keşp janlandyrmak miýesser etdi. Olardan «Söýgi duralgasy», «Kime jaý gerek, kime taý», «Jadygöýüň agyryly dişi», «Yşkyň gämisi kenarda», «Awazada asal aýy», «Ýagtylan köňüller» ýaly spektakllarda döreden keşplerim teatr muşdaklary tarapyndan oňat garşy alyndy. 2017-nji ýylda meniň nesibäm çekip ýurdumyzyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň döredijilik toparyna goşulmak miýesser etdi.

Baýry teatryň sahnasynda maňa Enejan Orazmyradowa, Baýram Kerimow, Welmyrat Amanow, Aşyr Işangulyýew ýaly halypalar bilen işleşmek nesip etdi. Teatrda sahnalaşdyrylan «Hazyna», «Ependi», «Seniň wepaň üçin», «Gelin gelýär» atly spektakllardaky döreden keşplerim meniň ylhamyma ylham goşan keşplerdir.

**— Söhbetdeşligimiziň şu ýerinde «Gelin gelýär» atly sahna oýnunda siziň döreden Jöwzanyň keşbi barada hem-de spektaklyň wakasy hakynda gysgajyk gürrüň beräýseňiz?**

— Üstümizdäki ýylda bellenilip geçilen medeniýet işgärleriniň gününe gabatlanyp teatrymyzyň režissýory, Türkmenistanyň halk artisti Gülälek Akmyradowa «Gelin gelýär» atly spektakly täzeden sahnalaşdyryp, maňa-da Jöwza atly zenanyň keşbini janlandyrmagy ynandy. «Gelin gelýär» spektaklyndaky döreden keşbim bolan Jöwzanyň keşbi hakynda aýtsam, ol bir nebsewür, gaharjaň hem-de edenli zenan. Ol ogly üçin nätanyş, eli işli gyza guda bolýar. Gyzyň gelnalyjyly alyp gaýdylan güni olaryň münen otlusyna ýene-de bir gelnalyjy gabatlaşýar. Olaryň hat-da münen wagonlaram bir bolup, goňşy küpede ýerleşýärler. Beýleki gelin bolsa öz halaýan ýigidi bilen durmuş gurjak gyz. Gelmeli ýerlerine gelip otludan düşenlerinde bolsa gelinleri çalyşýarlar. Jöwza gelniniň çalşylanyny bilip gözlege çykýar we şol ýerde-de dawa-jenjel başlanýar.

Jöwza beýleki halaşyp durmuş gurmakçy bolýan gyzyň düşen öýüne baryp, ol ýerde öz gelnini görýär. Emma onuň gelin edip aljak bolýan eli işli gyzynyň hem halaşýan ýigidiniň bardygyna göz ýetirýär. Maňa bu keşbi döretmek kyn düşmedi, sebäbi men Jöwzanyň keşbini öňki janlandyran halypalar, Türkmenistanyň halk artistleri Täçbibi Gafurowa bilen Fahriýa Alyýewanyň döredişlerini kän synlapdym we şonda şol keşbi döretmäge höwes edýärdim. Bu spektaklymyz halk köpçüligi tarapyndan gyzgyn garşy alyndy.

**— Halk köpçüligi sizi kinofilmleriň üsti bilen hem tanaýarlar?!**

— Men indi ençeme ýyllardan bäri türkmen telewideniýesiniň «Altyn Asyr: Türkmenistan» teleýaýlymy arkaly halk köpçüligine ýetirilýän «Durmuş hakykatlary» atly filmde çykyş edip gelýärin. Şonuň ýaly, maňa Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde kinorežissýor hem aktýor, Türkmenistanyň at gazanan artisti Şirli Mollaýewiň surata düşüren «Söýgi öwrümleri» atly köp seriýaly çeper filminde, «Tamdyr» atly çeper-publisistik filmde, şeýle-de «Gyzyl alma», «Hazyna» atly filmlerde keşp janlandyrmak miýesser etdi. Teatrymyzda her baýramçylyklarda halk köpçüligine görkezilýän «Gülki agşamynda» çykyş etmekden hem daşda duramok.

**— Siziň maşgalaňyza sungat maşgalasy diýýärler. Şeýle bolsa maşgalaňyzda özüňizden başga-da teatra, sahna ykbalyny baglanlar bar bolmaly?!**

— Elbetde, ýanýoldaşym hem kursdaşym, Türkmenistanyň halk artisti Haýytmyrat Durdyýew meniň işleýän teatrymda işläp ýör. Biziň iki oglumyz we bäş agtygymyz bar. Uly oglum Mekan Durdyýew birnäçe ýyl bäri Alp Arslan adyndaky Milli drama teatrynda artist bolup işleýär. Şeýle-de, ol Türkmen döwlet medeniýet institutynyň teatr sungaty fakultetiniň drama we kino artisti bölüminiň talyby. Körpe oglum Azat Durdyýew bolsa Türkmen döwlet medeniýet institutynda ses režissýory wezipesinde zähmet çekýär. Uly gelnim kitaphanada işlese, kiçi gelnim Mukamlar köşgünde zähmet çekip ýör.

Pursatdan peýdalanyp, döredijilik işgärlerine işlemäge, döretmäge giň ýol açyp beren türkmen halkynyň Milli Liderine Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriniň rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýärin.

**— Beren gyzykly gürrüňleriňiz üçin sag boluň, bizem size döredijilik üstünliklerini arzuw edýäris!**

*Söhbetdeşligi ýazga geçiren*
**Akmyrat HOJABERDIÝEW,**
*Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginiň hünärmeni.*




## 35-nji SKANWORD

**Aýnabat SAPAROWA,** *Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*



## 49-njy KROSSWORD

**Nurmyrat ATANIÝAZOW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

**DIKLIGINE:** **1.** Özüňden uly erkek dogan. **2.** Baglaýjy kömekçi. **3.** Estoniýanyň futbol topary. **4.** «Ýag» sözüniň iňlisçesi. **5.** Ata, kaka (köne söz). **6.** Özünden soňky sözi aýyklap gelýän ownuk bölek. **7.** Geometrik şekil. **8.** Isleg, arzuw. **9.** Ümlük. **10.** Eseriň, neşiriň aýratynlykdaky bir kitaby. **11.** Programma dili. **14.** Ekiz taýy, ekizleriň biri. **15.** Howly, açyk ýer. **18.** Iňlis botanigi we mikology Karlton ... **20.** Sportuň bir görnüşi. **23.** Türki dilli halklaryň biri. **25.** Orta. **26.** Gije ýakylýan ýiti şöhleli çyra. **28.** Iki öň aýagy gysga, art aýaklary uzyn, guýrugynyň ujy garaja ýalman. **30.** Beden. **31.** Baglaýjy kömekçi. **32.** Bir ýeriň gutarýan ýeri, aýak tarapy. **35.** Sorag çalyşmasy. **36.** Hažžyga meňzeş kiçijik alaja süýrenijі. **39.** Ýewropa bilen Beýik Britaniýa adasynyň arasyndaky bogaz ...-de-Kale. **40.** Waşingtonly kinoprodýusser ... Harris. **43.** Ümlük. **45.** «Gram» ölçeg birliginiň gysga aňladylyşy. **47.** Ses faýl formaty. **49.** Irlandiýanyň domen belgisi. **50.** Argentinaly futbolçy ... Maria. **51.** «Elden giden ... gelmez» (nakyl). **53.** Nepis, owadan. **54.** Edep-terbiýe hakynda filosofiki taglymat. **56.** Ygtyýar. **57.** Halk, ilat. **59.** Himiki barlaghanalarda ulanylýan silindr görnüşli aýna gap. **61.** Bir zadyň gutarýan ýeri, iň soňy. **65.** Ýaşalýan jaý, tam. **66.** «... ýarasy biter, söz ýarasy bitmez» (nakyl). **68.** Ýapragy ýüpek gurçuklaryna berilýän, böwürsleniň miwesi ýaly miwe berýän agaç. **69.** Artykmajy bilen bar bolan, köp. **70.** Eliň iç ýüzi. **71.** «Gury sözden palaw bolmaz, ... bilen tüwüsi bolmasa» (nakyl). **72.** Giň däl, insiz. **73.** Ýöňkeme birligi. **75.** Los-Anjeles şäheriniň gysga aňladylyşy. **79.** Patyşa.

**KESELIGINE:** **1.** Lingwistik elementleriň gaýtalanmagyndan ybarat stilistik şekil. **6.** Çyn, dogry. **11.** Ownuk hem iri dişli polat esbap. **12.** Hytaýly aktrisa ... Binbin. **13.** Mal iými üçin guradylyp goýlan ot, ýorunja. **16.** «Daş bilen urany – aş bilen ...» (nakyl). **17.** Semiz däl, arryk. **19.** Işlik ýasaýjy goşulma. **20.** Bedeniň egninden tä eliň barmaklaryna çenli bölegi. **21.** Uly ýap. **22.** Agaç. **24.** Nota. **25.** «Howa» sözüniň iňlisçesi. **27.** Edilýän, çekilýän zähmet. **29.** Naharyň, miwäniň we ş.m. lezzetli tagamy. **31.** Milli tagam. **33.** Arap elipbiýiniň bir harpy. **34.** Sport egin-eşik brendi. **37.** Äşgär. **38.** Başynda imperator durýan şalyk döwlet. **41.** Bezeg ösümligi. **42.** Suw (köne söz). **44.** Güýçli kellagyry. **45.** «Guggi» brendiniň gysga aňladylyşy. **46.** Reňk. **48.** Saz guraly. **50.** «Toyota» awtoulag modeli. **52.** Dynç almak üçin bellenilen wagt. **55.** Amerikan aýdymçysy ... Gaga. **58.** Penjegiň, paltunyň we ş.m. iç tarapyna tutulýan mata. **60.** Bedew, ýylky. **61.** Aýlaryň biri. **62.** Italýan filosofy Umberto .... **63.** Rus milli kelemli çorbasy. **64.** Çyn, dogry. **65.** Beden agzasy. **67.** Ast, düýp. **69.** Tarap, garşy. **71.** Ýewraziýa Ykdysady Komissiýasy. **72.** Nota. **74.** On iki aýdan ybarat wagt birligi. **76.** Görkezme çalyşmasy. **77.** Arkaýyn jaýlaşykly, jaýly. **78.** ...-namys. **79.** Zenanlaryň başyna atynýan uly ýüň ýaglygy. **80.** Söwüdiň gara görnüşi. **81.** Algyly.

**48-nji krosswordyň jogaby:**



**33-nji skanwordyň jogaby:**



**34-nji skanwordyň jogaby:**



# 6 KLUB 1/8 FINALA ÇYKDY

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 4-nji duşuşyklar geçirildi. Geçirilen bu tapgyrdan soň 6 topar – «Mançester Siti», «Leipsig», «Bawariýa», «Real Madrid», «Real Sosiedad» hem-de «Inter» klublary 1/8 finala çykmaga hukuk gazandy. Geçirilen 16 duşuşygyň 13-sinde ýer eýeleri, 2-sinde myhmançylykdaky klublar ýeňşini baýram etdi. 1 oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady. Jemi 44 goluň geçirilen tapgyrynda 6 futbolça gyzyl kart görkezildi. Italýan klublarynyň 3-si ýeňiş gazanyp, biri deňme-deň oýnady. Edil şonuň ýaly, ispan hem-de nemes klublarynyň 3-si, iňlis toparlarynyň 2-si tapgyry ýeňiş bilen tamamlady. UEFA Çempionlar Ligasynda toparçadaky 5-nji duşuşyklar 28–29-njy noýabrda geçiriler.**








**«A» toparçada** «Bawariýa» Harri Keýniň 80-nji we 86-njy minutlarda geçiren gollary esasynda «Galatasaraýdan» 2–1 hasabynda üstün çykdy. Türk klubunda Bakambunyň 90+3-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi. Toparçalarda 38 oýundan bäri ýeňilmän gelýän «Bawariýa» 27-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda 26-njy gezek 2-nji tapgyra çykdy (yzly-yzyna 16-njy sapar).

Toparçadaky beýleki duşuşykda 7 gol geçirilip, «Kopengagen» öz meýdançasynda «Mançester Ýunaýtedi» 4–3 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Daniýaly hüjümçisi, «Kopengageniň» ozalky oýunçysy Rasmus Hýoýlunnyň gollary bilen 2–0 hasabynda öňe saýlanan iňlis topary üstünligini gorap bilmedi. 42-nji minutda Reşfordyň gyzyl kart almagyndan soň ýer eýeleri 1-nji ýarym tamamlanmanka hasaby deňlediler. 45-nji minutda Elýunussi, 45+9-njy minutda-da 11 metrlik jerime urgusyndan Diogo Gonsalweş tapawutlandy. 2-nji ýarymda 69-njy minutda eminiň bellän 11 metrlik jerime urgusyny dürs ýerine ýetiren Bruno Fernandeşiň goly bilen «Ýunaýted» ýene-de öňe saýlandy. Ýöne ruhdan düşmedik «kopengagenliler» soňky 10 minutda ilki 83-nji minutda Lukas Lerageriň goly bilen hasaby deňlediler, soňam 87-nji minutda 17 ýaşyndaky oýunçysy Runi Bardagjiniň goly bilen ýeňiş gazandylar.

**«B» toparçada** «Arsenal» Sakanyň 1 gol geçirip, 1 goluň pasyny beren oýnunda «Sewilýany» 2–0 hasabynda ýeňdi. Londonlylaryň beýleki goluny Trossar geçirdi. PSW topary-da Luuk de Ýonguň 12-nji minutdaky goly bilen «Lansy» 1–0 hasabynda utdy. Bu eýndhowenlileriň toparçalardaky 15 oýundan soň ilkinji ýeňşi boldy.

**«C» toparçada** «Real Madrid» öz meýdançasynda «Bragany» 3–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. 6-njy minutda «Bragadan» Alwaro Jalonyň 11 metrlik jerime urgyny dürs urup bilmedik (derwezeçi saklady) oýnunda, «Real Madridiň» gollaryny Brahim Diaz (27), Winisius Junior (58) hem-de Rodrigo (61) geçirdi. «Real Madrid» topary 28-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda (27-si yzly-yzyna) bassyr 27-nji gezek toparçadan çykmagy başardy. UÇL-däki 116-njy ýeňşini gazanan Karlo Ançelotti bu ugurda Aleks Fergusonyň rekordyny täzeledi.

Öz meýdançasynda «Union Berlin» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnan «Napoliniň» 1/8 finala çykmak arzuwy 5-nji duşuşyklara galdy. Politanonyň 39-njy minutdaky goluna 52-nji minutda Fofananyň goly bilen jogap beren «Union Berlin» UÇL-däki ilkinji utugyny gazandy.

**«D» toparçada** mundan öň 2003/2004, 2013/2014 möwsümlerinde ýaryşa gatnaşan «Real Sosiedad» 3-nji synanyşygynda 2-nji gezek 1/8 finala çykdy. San-sebastianlylar öz meýdançasynda «Benfikany» 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar edip, wagtyndan öň pleý-off tapgyrynda oýnamaga hukuk gazandylar. 2 goly VAR tarapyndan hasap edilmedik «Real Sosiedad» toparynyň gollaryny Merino (6), Oýarzabal (11) hem-de Barreneçea (21) derwezä girizdi. Duşuşygyň 26-njy minutynda ilkinji 3 duşuşykda tapawutlanan Brais Mendes 11 metrlik jerime urgyny dürs urup bilmedi (sütüne degdi). Geçen möwsümiň çärýek finalçysy «Benfikanyň» şu möwsümdäki ilkinji goluny-da Rafa Silwa geçirdi.

Wise-çempion «Inter» hem myhmançylykda «Red Bull Salsburg» toparyny Lautara Martinesiň (85 p) geçiren ýeke-täk goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. «Inter» topary bassyr 2-nji, umumylykda 12-nji gezek 2-nji tapgyra adyny ýazdyrdy.

**«E» toparçada** Madridde «Atletiko» şotlandlaryň çempiony «Seltigi» kabul edip, garşydaşyny 6–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Ispan klubunyň uly hasaply ýeňiş gazanmagyna «Seltik» toparynyň ýaponiýaly oýunçysy Daizen Maedanyň 23-nji minutda gönümel gyzyl kart almagynyň täsiri uly boldy. «Atletiko Madride» Çempionlar Ligasyndaky iň uly hasaply ýeňşini gazandyran gollary Grizmann (6, 60), Morata (45+2, 76), Lino (66) hem-de Saul (84) geçirdi. «Atletiko» mundan öň bu ýaryşyň irki ýyllarynda, 1958-nji ýylda 1-nji saýlama tapgyrynda Irlandiýanyň «Drumkondra» toparyny 8–0 hasabynda ýeňipdi.

Toparçadaky beýleki duşuşykda «Lasio» Çiro Immobileniň 45+1-nji minutda geçiren ýeke-täk goly bilen «Feýenoordy» 1–0 utdy. Bu gol Immobileniň klubundaky 200-nji goly hökmünde hasaba alyndy (310-njy duşuşyk).

**«F» toparçada** 1/8 finala çykmak üçin 4 klubuň arasynda-da ýiti göreş dowam edýär. Mundan 2 hepde öň Parižde 3–0 hasabynda utulan «Milan» öz meýdançasynda PSŽ-ni ýyldyz oýunçylarynyň gollary bilen 2–1 hasabynda ýeňdi. Duşuşygyň 9-njy minutda parižliler slowakiýaly goragçysy Milan Şkriniaryň goly bilen öňe geçdi. 3 minutdan soň Rafael Leao üstaşyr urgy bilen topy derwezä girizip, hasaby deňledi. Bu «Milanyň» 508 minut soň ýa-da 5 oýundan soň Çempionlar Ligasyndaky ilkinji goly boldy. Duşuşygyň 2-nji ýarymynda-da Oliwie Žirunyň kelle urgusynda topy «Milanyň» ozalky derwezeçisi Donnarumma saklamak başartmady. Şeýlelikde, «Milan» 2–1 hasabynda ýeňiş gazanyp, utugyny 5-e çykardy. Žiru UÇL-de gol geçiren iň ýaşuly fransiýaly oýunçy rekordyny Loran Blandan almagy başardy.

Toparçadaky beýleki duşuşykda «Borussiýa Dortmund» öz meýdançasynda-da «Nýukasly» ýeňlişe sezewar etdi. 2–0 hasabynda ýeňiş gazanan dortmundlylaryň gollaryny Niklas Füllkrug (26) bilen Ýulian Brandt (79) öz atlaryna ýazdyrdylar. Bu ýeňişden soň «Borussiýa» 7 utuk bilen 1-nji orna geçdi.



**«G» toparçadaky** toparlaryň ýagdaýy çaklanylyşy ýaly bolup, kubogyň häzirki eýesi «Mançester Siti» toparyna 1/8 finala çykmak hiç hili kyn düşmedi. 4-nji duşuşyklaryň çäginde öz meýdançasynda «Ýang Boýzy» Erling Holannyň (23 p, 51) hem-de Fodeniň (45+1) gollary bilen 3–0 ýeňen «Mançester Siti» utugyny 12-ä çykardy. Duşuşykda «Ýang Boýzdan» Sandro Lauper 53-nji minutda gyzyl kart aldy. Bu ýeňişden soň 13-nji gezek gatnaşýan ýaryşynda yzly-yzyna 11-nji gezek 1/8 finala çykan «Mançester Sitiniň» bu ýaryşda geçiren gollarynyň sany-da 250-ä ýetdi. Ol 119 oýunda 250 gol geçirip, bu görkezijä iň çalt ýeten klub hökmünde taryha girdi. «Mançester Siti» ýaryşda 17 oýundan bäri ýeňilmän gelýär. Şeýle-de, Erling Holann 34-nji duşuşygynda 37-38-nji gollaryny geçirdi.

Toparçadaky beýleki oýunda-da «Leipsig» myhmançylykda «Srwena Zwezda» toparyndan 2–1 hasabynda üstün çykdy. Nemes klubuna ýeňiş getiren gollary 8-nji minutda Hawi Simons bilen 77-nji minutda Loi Openda geçirdi. Ýer eýeleriniň ýeke-täk goluny-da 81-nji minutda Henriks ýalňyşlyk bilen öz derwezesinden girizdi. Şunlukda, utugyny 9-a ýetiren «Leipsig» topary 6-njy gezek gatnaşýan ýaryşynda 4-nji sapar 1/8 finalda oýnamaga hukuk gazandy.

**«H» toparçada** Germaniýanyň Hamburg şäherinde oýnalan «Şahtýor Donesk» – «Barselona» duşuşygynda ukrain kluby 1–0 hasabynda ýeňiş gazandy. Ýeke-täk goly 40-njy minutda Danilo Sykan geçirdi. «Şahtýor» «Barselonany» 11-nji özara duşuşygynda 3-nji gezek ýeňmegi başardy.



«Porto» Ewanilsonyň (32 p) hem-de Pepeniň (90+1) gollary bilen «Antwerpen» toparyny 2–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda portugal klubunyň 2-nji goluny geçiren Pepe 40 ýaş 254 gün bilen UÇL-de tapawutlanan iň ýaşuly futbolçy rekordynyň täze eýesi boldy. Bu ugurda ozalky rekordyň eýesi 2014-nji ýylda SSKA Moskwanyň derwezesinden gol geçiren «Roma» toparynyň ýyldyz oýunçysy Françesko Totti bolup, ol 38 ýaş 59 gün diýlende tapawutlanypdy.

**UEFA Çempionlar Ligasynda toparçalardaky 5-nji duşuşyklaryň netijeleri:**

**«BAWARIÝA»—«GALATASARAÝ»: 2–1**
/Keýn 80, 86 — Bakambu 90+3/
**«KOPENGAGEN»—«MANÇESTER ÝUNAÝTED»: 4–3**
/Elýunussi 45, Gonsalweş 45+9 p, Lerager 83, Bardagji 87 — Hýoýlunn 3, 28, Bruno Fernandeş 69 p/
**«ARSENAL»—«SEWILÝA»: 2–0**
/Trossar 29, Saka 64/
**PSW—«LANS»: 1–0**
/Luuk de Ýong 12/
**«REAL MADRID»—«BRAGA»: 3–0**
/Brahim Diaz 27, Winisius Junior 58, Rodrigo 61/
**«NAPOLI»—«UNION BERLIN»: 1–1**
/Politano 39 — Fofana 52/
**«REAL SOSIEDAD»—«BENFIKA»: 3-1**
/Merino 6, Oýarzabal 11, Barreneçea 21 — Rafa Silwa 49/
**«RED BULL SALSBURG»—«INTER»: 0–1**
/Lautara Martines 85 p/
**«ATLETIKO MADRID»—«SELTIK»: 6–0**
/Grizmann 6, 60, Morata 45+2, 76, Lino 66, Saul 84/
**«LASIO»—«FEÝENOORD»: 1–0**
/Immobile 45+1/
**«MILAN»—PSŽ: 2–1**
/Rafael Leao 12, Žiru 50 – Şkriniar 9/
**«BORUSSIÝA DORTMUND»—«NÝUKASL»: 2–0**
/Füllkrug 26, Brandt 79/
**«MANÇESTER SITI»—«ÝANG BOÝZ»: 3–0**
/Holann 23 p, 51, Foden 45+1/
**«SRWENA ZWEZDA»—«LEIPSIG»: 1–2**
/Henriks 81 ö.d. — Simons 8, Openda 77/
**«PORTO»—«ANTWERPEN»: 2–0**
/Ewanilson 32 p, Pepe 90+1/
**«ŞAHTÝOR DONESK»—«BARSELONA»: 1–0**
/Danilo Sykan 40/

**UÇL-de 2023/24 möwsüminde iň köp gol geçiren futbolçylar:**

| | |
|---|---|
| Rasmus Hýoýlunn (Man. Ýunaýted) | 5 |
| Alwaro Morata (Atletiko Madrid) | 5 |
| Ewanilson (Porto) | 4 |
| Antuan Grizmann (Atletiko Madrid) | 4 |
| Erling Holann (Mançester Siti) | 4 |
| Harri Keýn (Bawariýa) | 4 |

| Or. | «A» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 4 | 4 | 0 | 0 | 11-6 | 12 |
| 2 | KOPENGAGEN | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-8 | 4 |
| 3 | GALATASARAÝ | 4 | 1 | 1 | 2 | 7-9 | 4 |
| 4 | MAN. ÝUNAÝTED | 4 | 1 | 0 | 3 | 9-11 | 3 |

| Or. | «E» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ATLETIKO MADRID | 4 | 2 | 2 | 0 | 12-5 | 8 |
| 2 | LASIO | 4 | 2 | 1 | 1 | 5-5 | 7 |
| 3 | FEÝENOORD | 4 | 2 | 0 | 2 | 7-5 | 6 |
| 4 | SELTIK | 4 | 0 | 1 | 3 | 3-12 | 1 |

| Or. | «B» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARSENAL | 4 | 3 | 0 | 1 | 9-3 | 9 |
| 2 | PSW | 4 | 1 | 2 | 1 | 4-7 | 5 |
| 3 | LANS | 4 | 1 | 2 | 1 | 4-4 | 5 |
| 4 | SEWILÝA | 4 | 0 | 2 | 2 | 4-7 | 2 |

| Or. | «F» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BORUSSIÝA DORT. | 4 | 2 | 1 | 1 | 3-2 | 7 |
| 2 | PARI SEN-ŽERMEN | 4 | 2 | 0 | 2 | 7-6 | 6 |
| 3 | MILAN | 4 | 1 | 2 | 1 | 2-4 | 5 |
| 4 | NÝUKASL | 4 | 1 | 1 | 2 | 4-4 | 4 |

| Or. | «C» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL MADRID | 4 | 4 | 0 | 0 | 9-3 | 12 |
| 2 | NAPOLI | 4 | 2 | 1 | 1 | 6-5 | 7 |
| 3 | BRAGA | 4 | 1 | 0 | 3 | 5-9 | 3 |
| 4 | UNION BERLIN | 4 | 0 | 1 | 3 | 3-6 | 1 |

| Or. | «G» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | MANÇESTER SITI | 4 | 4 | 0 | 0 | 12-3 | 12 |
| 2 | LEIPSIG | 4 | 3 | 0 | 1 | 9-6 | 9 |
| 3 | SRWENA ZWEZDA | 4 | 0 | 1 | 3 | 5-10 | 1 |
| 4 | ÝANG BOÝZ | 4 | 0 | 1 | 3 | 4-11 | 1 |

| Or. | «D» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | REAL SOSIEDAD | 4 | 3 | 1 | 0 | 7-2 | 10 |
| 2 | INTER | 4 | 3 | 1 | 0 | 5-2 | 10 |
| 3 | RB SALSBURG | 4 | 1 | 0 | 3 | 3-5 | 3 |
| 4 | BENFIKA | 4 | 0 | 0 | 4 | 1-7 | 0 |

| Or. | «H» | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 4 | 3 | 0 | 1 | 8-2 | 9 |
| 2 | PORTO | 4 | 3 | 0 | 1 | 9-3 | 9 |
| 3 | ŞAHTÝOR DONESK | 4 | 2 | 0 | 2 | 6-7 | 6 |
| 4 | ANTWERPEN | 4 | 0 | 0 | 4 | 3-14 | 0 |


TÜRKMENISTANYŇ «HALKBANK» PAÝDARLAR TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Halkbank» paýdarlar täjirçilik banky karz almak üçin «Onlaýn-ýüzlenme» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Karzlar barada maglumaty müşderi banka barmazdan, öýünde ýa-da iş ýerinde özi üçin amatly bolan karzyň görnüşini bankyň «halkbank.gov.tm» resmi internet sahypasyndan saýlap almaga mümkinçilik döredilen.

Ýüzlenmäni bankyň «halkbank.gov.tm» resmi internet sahypasynyň «Onlaýn-ýüzlenme» bölümi arkaly iberip bolýar. Bank tarapyndan raýatlarymyza «Onlaýn-ýüzlenme» hyzmaty arkaly «Ýaş maşgalalar üçin», «Talyplaryň okuw tölegi üçin», «Kiçi göwrümli karzlar», «Sarp ediş» bank karzlaryndan peýdalanmaga mümkinçilik berilýär.

**Hormatly müşderiler!** Hyzmata laýyklykda karzyň her bir görnüşi boýunça zerur resminamalaryň sanawy we karzyň möçberi barada jikme-jik maglumatlar bilen doly tanşyp bilersiňiz. Siziň iberen ýüzlenmäňize gysga möhletde serediler hem-de bankyň hünärmeni tarapyndan karz şertnamasyny baglaşmak üçin banka gelmeli wagtyňyz telefon arkaly habar berler.

*Habarlaşmak üçin telefon belgimiz:*
**+99312 44-49-70**

*www.halkbank.gov.tm*

**«Halkbank» – bankyň esasy gymmatlygy müşderilerdir!**



TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKY

Hormatly raýatlar!

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky ýurdumyzyň raýatlaryny «Onlaýn ýüz tutma» hyzmatyndan peýdalanmaga çagyrýar.

Hyzmata laýyklykda raýatlar banka barmazdan sanly ulgam arkaly bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Karzlaşdyrma» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn ýüz tutma» arkaly soraglara dogry we doly jogap berip, gerekli maglumatlary doldurandan soňra bankyň hünärmeni tarapyndan karz almak üçin ýüztutmanyň kabul edilendigi barada telefon arkaly habar berilýär. Raýatlarymyz bu hyzmatdan gije-gündiziň dowamynda peýdalanyp bilerler.

**Hormatly ildeşler!** «Onlaýn ýüz tutma» hyzmatyndan peýdalanmak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da onuň islendik şahamçasyna ýüz tutup bilersiňiz!

**Habarlaşmak üçin telefon belgilerimiz:**
+993 12 44-02-62; +993 12 44-03-04

Şahamçalarymyzyň salgylary we telefon belgileri bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynda ýerleşdirilen.



Gazetiň kagyz görnüşine nähili ýazylyp bolar?
«Türkmenpoçtanyň» islendik şahamçasyna ýüz tutmak arkaly abuna ýazylyp bilersiňiz.

Gazetiň elektron görnüşine nähili ýazylyp bolar?
ABONENT BOL
zamanturkmenistan.com.tm saýtynyň ýokarsyndaky ABONENT BOL düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň hepdelik PDF nusgasyny nädip alyp bolar?
PDF
zamanturkmenistan.com.tm saýtyndaky ZAMAN TÜRKMENISTAN PDF düwmesine ýa-da turkmenmetbugat.gov.tm saýtynda «Pudak gazet-žurnallary» bukjasyny saýlap Abuna ýazyl düwmesine basmak arkaly.

Gazetiň mobil goşundysyny nädip ýükläp alyp bolar?
Android we iOS smartfonlarynda Google Play hem-de App store elektron dükanyndan zamanturkmenistan mobil goşundyny ýükläp, habarlar bilen dessine tanşyp bilersiňiz.

ZAMAN TÜRKMENISTAN
international media

Abuna – 2024

«Zaman-Türkmenistan» gazetine 2024-nji ýylyň I ýarym ýyllygy üçin abuna ýazylyşygy dowam edýär.

Täzelikleri täzeligine okaň!

